# EÝÝAMYŇ RUHY WE MAZMUNY – BINAGÄRLIK KEŞPLERDE

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe ýurdumyzyň binagärlik sungatynyň ösmegine möhüm işleriň bir ýere ýygjam jemlenmegi, ýaşaýyş jaý we jemgyýetçilik gurluşygynyň uly gerimi, ilatyň medeni derejesiniň ýokarlanmagy, halkyň çeperçilik däpleriniň ornunyň artmagy uly ýardam edýär. Bu işleriň hemmesi hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň durmuşa geçirýän ruhlandyryjy, deňsiz-taýsyz özgertmeleriniň miwesidir.

25-nji maýda dabaraly bellenen Aşgabat şäheriniň gününe eýýamyň özboluşly keşbini, täze döwrüň pikirlerini örän aýdyň alamatlandyran binalaryň altysy baýramçylyk sowgady boldy.

Bular öz milli Lideri bilen halkyň jebisligidir («Arkadag» binasy), abadançylyk we parahatçylykly ösüşdir («Abadançylyk»), täze maksatlara we belentliklere ymtylyşdyr («Ýyldyz»), ylmy çemeleşmäniň ileri tutulmagydyr («Ylym»), taryhy tejribä daýanmakdyr («Ak bugdaý»), durmuşyň esasyny emele getiriji hökmünde saglyk we sportdur («Sagdynlyk»).

Bu düşünjeleriň ählisi örän köptaraplydyr. Olaryň her biriniň aňyrsynda özgertmeleriň pelsepesi, döredijiligiň belent ruhy hem-de Türkmenistanyň jemgyýetçilik - syýasy we durmuş-ykdysady ösüşiniň ugurlarynyň tutuş ulgamy bar. Binalaryň çeper görnüşleri çuňňur manyly pikirleri ýüze çykaryp, Aziýanyň dürdänesine öwrülen şäheriň binagärlik keşbini baý mazmuna eýe edýär. Olar şäher landşaftyna diňe bir ornaşdyrylman, eýsem-de möçberi taýdan hem sazlaşyga laýyk getirilipdir, awtomobil ýollarynyň aýlaw halkasynyň merkezinde ýerleşdirilmegi bolsa olary hereketiň depginine we güýjüne goşup, uly ýollaryň esasy baş alamatyna öwürýär.

Bagtyýarlyk şaýolunda gurlan «Arkadag» binasy paýtagtyň şu böleginiň keşbiniň esasy çeper alamatyna öwrülip, öz töweregindäki giňişligi täsin şekilde gözelleşdirmek bilen, oňa belent duýgularyň – watançylygyň, öz ýurduňa we milli Lideriňe buýsanç, halkyň jebisligi ýaly duýgularyň güýjüni goşýar.

Binanyň umumy beýikligi gaýa görnüşindäki esasy bilen 21 metrdir. Gaýanyň depesinde hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň behişdi bedewiň üstündäki keşbini şekillendirýän heýkel altyn öwüşgin bilen şugla saçýar. Döwlet Baştutanymyzyň elini ýokary göteren çagyryşly we aýgytly keşbi, bedewiň gaýadan okdurylyp öňe ymtylmaga taýýar kuwwaty erki we maksada okgunlylygy alamatlandyrýar. Binanyň tutuş durky güýji, ynamy we gahrymançylykly ruhy şöhlelendirýär.

«Arkadag» binasynyň gaýa şekilli binýadynda soňky ýyllarda Türkmenistanda döredilýän binagärlik-çeperçilik desgalarynyň esasy keşbini emele getirýän Oguzhanyň sekizburçly ýyldyzy ýerleşdirilipdir. Bu çuňňur manysy we taryhy kökleri bolan köptaraply nyşan halkymyzyň, milletiň nesilbaşysy, ady rowaýata öwrülen Oguzhana bolan beýik sarpasydyr. Bu nyşan geçmişi, häzirki döwri we geljegi baglanyşdyrýan möhüm alamatdyr.

«Arkadag» binasy hormatly Prezidentimiziň türkmen halky bilen bitewiligini, agzybirligini aňladýan binadyr. Binagärlik - çeperçilik binalarynyň altyn nusgasy bolan bu bina tutuş halkymyzyň milli Liderimize bolan alkyşynyň, söýgüsiniň nyşanydyr.

«Abadançylyk» binasyna erkinlik manysy çaýylypdyr. Arçabil we Çandybil şaýollarynyň aralygynda gurlan bu ajaýyp bina Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe türkmen topragynda rowaçlanýan abadançylygy we parahatçylygy alamatlandyrýar. 47 metrden ybarat bolan binanyň ýokary bölegi zeýtun pudaklarynyň üstünde duran Ýer şarynyň daşynda ganatlaryny ýaýyp duran ak kepderileri şekillendirýär. Ak we altynsow reňkler onuň gurluşynyň erkinligi bolup, milli nagyşlar bilen bezelen bina Köpetdagyň gerişleriniň alnynda pelpelläp ganat kakýan keşbi janlandyrýar.

Bagtyýarlyk we Oguzhan köçeleriniň çatrygynda gurlan «Ýyldyz» binasy beýlekilerden görnüşiniň asmana ymtylandygy bilen tapawutlanýar. Beýikligi 36 metr bolan ýarym aý görnüşli älem gämisi ýyldyzlara tarap bat almaga taýýar bolup dur. Munuň özi diňe bir ýakynda ýere ýakyn orbita goýberilen ilkinji türkmen aragatnaşyk hemrasy bilen gönüden-göni baglanyşykly bolman, eýsem geljege, türkmen döwletiniň kosmiki özgertmelere tarap ymtylmasynyň hem nyşanydyr. Ol islendik belentlige we sepgide ýetmegiň halkymyz üçin müşgül däldiginiň çeper beýanydyr.

Ýanbaş ýoly bilen Bekrewe ýolunyň kesişýän ýerindäki «Ylym» binasy ýurdumyzyň ylmynyň işjeň ösdürilýändiginiň, onuň häzirki zaman gazananlarynyň bu möhüm ulgamyň hil taýdan täze, dünýä derejesine çykarylýandygynyň aýdyň alamatyna öwrüldi. Binanyň umumy beýikligi 36 metrdir. Onuň iň ýokarsynda Gün ulgamynyň

planetalary bilen şekillendirilen «makedi» ýerleşdirilipdir. Kuwwatly daýanç sütünlerinde duran altynsow we kümüş metaldan gurnalan öwşün atýan bina uzakdan seredeniňde atomyň gurluşyny ýatladýar. Bu hem ylmyň çäksiz dünýäsine, diýmek, türkmen alymlarynyň alyp barýan işleriniň çäksizdigine ýene-de bir gezek göz ýetirmäge mümkinçilik berýär.

Arçabil şaýoly bilen B.Annanow köçesiniň kesişýän ýerinde ak bugdaýyň Watany we adamzat ösüşinde ilkinji ekerançylara ýadygärlik hökmünde 36 metrlik «Ak bugdaý» binasy guruldy. Onuň depesinde bugdaý sümmüli görnüşinde iki metrlik altyn çaýylan şekil oturdyldy. Binanyň tutuş durky uzak döwürleriň içinden geçen äpet ösüntgini ýatladýar hem-de taryhyň häzirki güni bilen aýrylmaz arabaglanyşygyny, mähriban topragy özgerdýän zähmetkeşlere bolan hormaty alamatlandyrýar.

Atatürk köçesinde bolsa paýtagtymyzyň sport düzümleriniň uly desgalarynyň golaýynda «Sagdynlyk» binasy guruldy. Beýikligi 27 metr bolan bu binanyň çür depesinde Aşgabadyň kabul etjek Aziada-2017-niň nyşanynyň heýkel şekili ýerleşdirilipdir. Binanyň mazmunynda





«Halkyň sagdynlygy – ýurduň baýlygy» diýen şygar jemlenýär, sport bolsa bu ýerde onuň ruhy we beden taýdan kämilligi babatda sagdyn durmuş ýörelgesiniň aýrylmaz bölegi hökmünde orta çykýar. Aziýa oýunlarynyň nyşany milli sportuň uly üstünlikleriniň hem-de türgenlerimiziň täze ýeňişlere bolan umytlarynyň ajaýyp ýüze çykmasy bolup hyzmat edýär.

Türkmen paýtagtyny bezän binagärlik sungatynyň täze eserleri eýýamymyzyň häsiýetini, onuň hakyky alamatlaryny we ýagdaýlaryny şöhlelendirip, jemgyýetiň umytlarynyň, onuň ýurduň geljegine bolan garaýşynyň milli Liderimiz Gurbanguly Berdimuhamedow bilen bilelikde gurýan ajaýyp geljegimiziň aýdyň beýanyna öwrüldi.







## THE EPOCH'S IDEAS AND SPIRIT IN MONUMENTAL WORKS

Six monuments thatbecame a large-scale embodiment ofthe epoch'ssymbolical images and new time'sideasmarked exciting events on the occasion of Ashgabat City Day, solemnly celebrated on May 25. They arethe people'sunity with their national leader («Arkadag» Monument), the progress and peaceful development («Abadanchylyk»), the aspiration for the new goals and heights («Yyldyz»), the priority of scientific approach («Ylym»), the reliance on historical experience («Akbugday»), health and sports as the basic vital guidelines («Sagdynlyk»). All these points are many-sided; each of them is based on philosophy of transformations, creativenotions and a whole number of political and socioeconomic development lines of Turkmenistan.

## ИДЕИ И ДУХ ЭПОХИ – В МОНУМЕНТАЛЬНОМ ВОПЛОЩЕНИИ

Праздничным подарком на День города Ашхабада, торжественно отмеченный 25 мая, стали шесть монументов, воплотивших «крупным планом» символические образы эпохи, идеи нового времени. Это единство народа со своим национальным лидером (монумент «Аркадаг»), прогресс и мирное развитие («Абаданчылык»), устремленность к новым целям и высотам («Йылдыз»), приоритет научного подхода («Ылым»), опора на исторический опыт («Ак бугдай»), здоровье и спорт как основополагающие жизненные ориентиры («Сагдынлык»). Все эти тезисы чрезвычайно многогранны, за каждым из них – философия преобразований, патетика созидания и целый спектр направлений общественно-политического и социального экономического развития Туркменистана.





TASLAMA

# GURMAK WE DÖRETMEK – BERKARAR DÖWLETIMIZIŇ BAGTYÝARLYK DÖWRÜNIŇ BAŞ ŞYGARY

## Aşgabady ösdürmegiň 15-nji tapgyrynyň taslamalaryna badalga berildi

Halkymyzyň durmuş derejesini has-da gowulandyrmak, ýaşaýyş-durmuş düzümini kämilleşdirmek meseleleri hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň hemişe üns merkezinde durýar. Muny maý aýynda paýtagtymyzda häzirki zaman ölçeglerine laýyk gelýän iri ýaşaýyş toplumynyň – Aşgabady ösdürmegiň 15-nji tapgyrynyň taslamalaryna badalga berilmegi hem doly tassyk etdi.

Hormatly Prezidentimiziň 2015-nji ýylyň aprel aýynda gol çeken Kararyna laýyklykda, ýurdumyzyň birnäçe ministrlikleriniň, pudak edaralarynyň, Aşgabat şäheriniň häkimliginiň ýerli gurluşyk kärhanalary bilen paýtagtymyzy ösdürmegiň 15-nji nobatdakysynyň binalaryny we düzümleýin desgalaryny taslamalaşdyrmak hem-de olaryň ýanaşyk ýerlerini abadanlaşdyryp gurmak boýunça şertnama baglaşyldy. Seýdi we Mollanepes köçeleriniň ugrunda ýerleşýän desgalaryň gurluşygy 2016-njy ýylyň ahyryna çenli tamamlanar.





Taslama laýyklykda, 12 gatly 72 we 48 öýli ýaşaýyş jaýlarynyň 18-si gurlar. Bu ýerde Türkmenistanyň Söwda we daşary ykdysady aragatnaşyklar ministrliginiň, «Türkmennebitgazgurluşyk» döwlet konserniniň, Demir ýol ulaglary, Bilim ministrlikleriniň, Aşgabat şäher häkimliginiň, Senagat, Gurluşyk we binagärlik, Jemagat hojalygy ministrlikleriniň buýurmalary esasynda binalar gurlar. Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň buýurmasy esasynda oňa degişli gurluşyk kärhanalary tarapyndan 3 we 4 gatly ýaşaýyş jaýlarynyň 16-sy, 208 sany iki gatly kottej jaýlary hem-de 11 söwda merkezleri bina ediler.

Az gatly ýaşaýyş jaýlarynyň gurluşygy üçin paýtagtymyzyň günorta künjegi seçilip alyndy. Bu ýerde guruljak jaýlar köpugurly «Aşgabat» stadionyna biriger. Şeýle hem, bu ýerde seýilgäh zolaklary we tennis kortlary gurlar.

Paýtagtymyzy ösdürmegiň 15-nji nobatdakysynyň çäklerinde durmuş ulgamyna degişli desgalar, şol sanda 160 orunlyk çagalar bagy we 600 orunlyk umumybilim berýän mekdep, häzirki zaman seýilgäh zolaklary gurlar. Bu künjekde umumy uzynlygy 13,6 kilometre barabar bolan ulag ýollarynyň gurluşygy meýilleşdirildi.

Häzirki döwürde tutuş ýurdumyz ykdysady, durmuş, şähergurluşyk babatda täzeçil ýörelgeleriň me-





kanyna öwrüldi. Ýurdumyzyň baş şäheri bolan türkmen paýtagty bu babatda nusgalyk dereje eýe boldy. Diňe 2015-nji ýylda Aşgabat şäherinde gurlup ulanmaga berlen täze binalaryň sany 60-dan geçýär. Olaryň hatarynda Olimpiýa şäherçesiniň ikinji nobatdakysynyň çäklerinde gurulýan 19 desga, saglygy goraýyş we bilim ulgamyna degişli birnäçe edara bar. Ýakynda Türkmenistanyň Prezidentiniň gatnaşmagynda Metbugat öýüniň täze binasy, sergi merkezi bolan Söwda-senagat edarasynyň jaýy gurlup ulanmaga berildi. Häzirki döwürde 3 müň orunlyk teatr we konsertler merkeziniň açylyş dabarasyna taýýarlyk görülýär.

Şu we beýleki köp sanly taslamalar ýurdumyzyň baş şäherinde gurluşyk we abadanlaşdyryş işleriniň giň gerime eýedigini alamatlandyrýar. Şol bir wagtyň özünde ýurdumyzyň sebitlerinde hem gurluşyk işleriniň ýokarlanýandygyny, täze döwrebap obalaryň we şäherçeleriň emele gelýändigini bellemeli. Munuň özi, hormatly Prezidentimiziň başlangyjy bilen Türkmenistanyň döwlet ösüş strategiýasynyň üstünlikli durmuşa geçirilýändiginiň anyk netijeleridir.

Döwlet Baştutanymyz şähergurluşyk maksatnamasynda durmuş ulgamynyň ileri tutulýan ugurlary barada aýtmak bilen, onda adamlaryň göwnejaý ýaşaýyş, dynç alyş we döredijiliki zähmeti üçin aňrybaş şertleriň döredilmeginiň döwrüň möhüm talabydygyny aýratyn belleýär.

Durmuş maksatly desgalaryň gurluşygyna aýratyn üns bermek bilen, Türkmenistan bu pudaga ilatyň durmuşynyň hiliniň ýokarlanmagyny nazarlaýan milli strategiýanyň ileri tutulýan ugry hökmünde belledi. Döwletimiziň öz raýatlarynyň öňündäki borjy hökmünde ykrar edilen möhüm wezipeleriň durmuşa geçirilimegine ministrliklerň we pudak edaralarynyň hemmesi diýen ýaly çekildi. Şunlukda, ýörite buýurmalar esasynda ähli amatlyklary özünde jemleýän ýaşaýyş jaýlary gurulýar.

Dünýäniň iň owadan we amatly şäherleriniň birine öwrülen ak mermerli Aşgabat özüniň çägini ýyl-ýyldan giňeldýär we täze ýaşaýyş toplumlarynyň, senagat we seýilgäh zolaklarynyň sanyny artdyrýar. Soňky ýyllarda işlenip taýýarlanylýan taslamalaryň durmuşa geçirilmegi bilen, türkmen paýtagtynyň keşbi düýpgöter özgerdi. Gözümiziň alnynda şäheriň täze keşbi emele gelýär we onuň täze taryhy ýazylýar. Häzirki döwürde Aşgabat täze möhüm taslamalaryň durmuşa geçirilmegine girişýär.

Hormatly Prezidentimiz ähli desgalaryň taslamaçylarynyň milli binagärlik ýörelegelerini häzirki zamanyň öňdebaryjy tejribeleri bilen utgaşdyrmagy öňe sürýär. Munuň özi şäherde täze döwrüň ruhuny has-da äşgär etmäge mümkinçilik berer.

Şäherimizde gaýtalanmajak keşbiň emele gelmegi adamlara, olaryň dünýägaraýşyna oňyn täsirini ýetirýär. Döwlet Baştutanymyzyň aýdyşy ýaly, binagärlik eseri hökmünde şäheriň döwrebap keşbini döretmekde diňe bir durmuş gurşawynyň ähmiýetli tarapy däl, eýsem onda ruhy we gözellik ölçegleri jemlenmelidir.

Munuň özi binagärlik-meýilnamalaşdyryş düzümine oňyn ýörelgeleri girizmek arkaly geljekki ösüşi we beýleki ugurlary hasaba almak bilen, bu ýörelgeleriň paýtagtymyzyň ösüş babatdaky baş meýilnamasynda öz ornuny tapmalydyr.

Bu meseleleriň toplumyna şäheriň hereket düzümini ýokarlandyrmaga ukyply ulag ulgamyny ösdürmek we kämilleşdirmek hem girýär. Munuň özi şäher çäkleriniň, ýaşaýyş we jemgyýetçilik, önümçilik we syýahatçylyk, taryhy merkezleriniň döwrebaplaşdyrylmagy bilen baglanyşyklydyr. Mundan başga-da, syýahatçylygy ösdürmek, medeni hyzmaty we dynç alyş senagatyny guramak, tebigy-gözellik toplumlaryny kemala getirmek boýunça netijeli çäreler durmuşa geçirilýär. Çäkleriň abadanlaşdyrylmagyna we gök zolaklaryň döredilmegine aýratyn ähmiýet berilýär.

Gahryman Arkadagymyz bu meseleleriň ählisi boýunça iň ýokary talaplary bildirýär, paýtagtymyzy sazlaşykly ösdürmekde iri möçberli wezipeleri çözmek üçin bar bolan mümkinçilikleri herekete girizmäge çagyryp, şäher düzümlerini dolandyrmagy, jemagat hyzmatlary ulgamynyň işini yzygiderli kämilleşdirmegi, has amatly durmuş gurşawyny döretmegiň ähli ugurlaryny nazara alýan toplumlaýyn çemeleşmeleri ornaşdyrmagy talap edýär.

Durky täzelenen Aşgabat häzirki döwürde döwrebap bezegi, kaşaňlygy we amatlylygy, binagärlik ýörelgeleri bilen tebigy gözelligiň sazlaşygy bilen haýrana goýýar. Şäher yzygiderli döwrebaplaşdyrylýar, täze ajaýyplyklar bilen gözelleşýär. Gysga wagtyň dowamynda esasy ulag ýollarynda döwrebaplaşdyryş işleri geçirildi. Aýlawly we köp zolakly ýollar, köprüler, ýerasty duralgalar emele geldi.

Ak mermerli Aşgabadyň gözelligi gök zolaklaryň, seýilgähleriň gurşawy, häzirki zaman ulag ýollarynyň düzümi, ýurdumyzyň taryhynda görnükli yz goýan gahrymanlaryň ruhuňy göterýän heýkelleri, täze eýýamyň ruhuny özünde jemleýän binalary bilen halkymyzyň buýsanjyna öwrüldi. Bu işleriň hemmesi Gahryman Arkadagymyzyň öz mähriban halkyna bolan egsilmez söýgüsiniň beýanydyr.

*Metbugat habarlary esasynda taýýarlanyldy*

**TO BUILD AND CREATE - THE MAIN MOTTO OF THE PROSPEROUS EPOCH OF POWERFUL STATE**

The article deals with the 15th phase of the Ashgabat city's building project – another large housing area that meets the latest standards for all the specified parameters. According to the Decree of the President of Turkmenistan, different ministries and departments of the country, as well as the city Khyakimlik have concluded the contracts with the local building enterprises for designing and construction of modern buildings and infrastructural facilities of the 15th phase along the Seydi and Mollanepes Streets. The commenced construction work is to be completed by the end of 2016.

**СТРОИТЬ И СОЗДАВАТЬ – ГЛАВНЫЙ ДЕВИЗ ЭПОХИ МОГУЩЕСТВА И СЧАСТЬЯ**

Статья посвящена проекту 15-й очереди застройки Ашхабада – еще одного крупного жилого массива, отвечающего по всем заданным параметрам самым современным стандартам. Согласно Постановлению Президента Туркменистана, различными министерствами и ведомствами страны, а также хякимликом города были заключены контракты с местными строительными предприятиями на проектирование и современных зданий и инфраструктурных объектов 15-й очереди, линия которой пролегает вдоль улиц Сейди и Молланепеса. Стартовавшие строительные работы намечено завершить к концу 2016 года

BOUYGUES BATIMENT
INTERNATIONAL















20 ýyl bäri Türkmenistanyň gurluşyk bazarynda
Dürli edara ediş, senagat we medeni-dynç alyş maksatly desgalaryň gurluşygy





BOUYGUES TURKMEN
744000, Türkmenistan,
Aşgabat, Bitarap
Türkmenistan şaýoly,
"Buig Türkmen" edara binasy

# PAÝLY GURLUŞYGY ÖSDÜRMEGIŇ UGURLARY

***Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň durmuş-ykdysady özgertmeleri durmuşa geçirmekde alyp barýan ugurlarynyň biri hem Paýly gurluşyk pudagyny ösdürmek bolup durýar. Munuň özi paýly gurluşyk pudagynda ýurdumyzyň raýatlaryna we ýuridiki şahslaryna elýeterli bahadan paýly gurluşygyň desgalaryny hususy eýeçilige geçirmäge amatly mümkinçilikleri döredýär.***

Hormatly Prezidentimiziň öňe süren hem-de il-ýurt bähbidine gönükdiren «Döwlet adam üçindir!» diýen ýörelgesinden ugur alyp, mähriban ýurdumyzy özgertmek, binagärlik-şähergurluşyk keşbini kämilleşdirmek, ilatyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini yzygiderli gowulandyrmak ýaly möhüm maksatdan gözbaş alýan işleriniň gerimi güngeldigiçe giňelip, özüniň oňyn netijelerini berýär.

Häzirki wagtda paýly gurluşyk babatynda gozgalmaýan emlägi edinmek döwletimizde giňden durmuşa geçirilip başlandy. Paýly gurluşygyň esasy maksady gurluşyk kärhanalary-gurujylar, raýatlaryň we ýuridiki şahslaryň-paýçylaryň pul serişdeleriniň çekilmeginiň hasabyna gozgalmaýan emläge degişli obýektiň gurluşygyny amala aşyrmak bolup durýar.

Paýly gurluşyga gatnaşmak isleýän raýatlaryň we ýuridik şahslaryň isleglerini kanagatlandyrmak maksady bilen, Türkmenistanyň Prezidenti 2012-nji ýylyň 31-nji martynda «Ýaşaýyş jaýlarynyň we gozgalmaýan emläge degişli başga obýektleriň paýly gurluşygy hakyndaky» Türkmenistanyň Kanunyna gol çekdi.

Türkmenistanyň Prezidentiniň 2013-nji ýylyň 2-nji awgustyndaky Karary bilen, Türkmenistanyň Gurluşyk we binagärlik ministrligi paýly gurluşyk babatda ygtyýarlyk berlen edara diýlip kesgitlenildi.

Şunuň bilen baglylykda, hormatly Prezidentimiziň tabşyryklaryny we görkezmelerini doly we dogry ýerine ýetirmek maksady bilen «Ýaşaýyş jaýlarynyň we gozgalmaýan emläge degişli başga obýektleriň paýly gurluşygy hakyndaky» Türkmenistanyň Kanunyna üýtgetmeler we goşmaçalar girizmek barada teklipler berildi we Türkmenistanyň Mejlisi bilen bilelikde oňa üýtgetmeler we goşmaçalar girizildi.

Şu kadalaşdyryjy hukuk nama paýly gurluşyk pudagynda gatnaşyklary utgaşykly alyp barmak bilen bir hatarda, paýly gurluşyga gatnaşmagyň şertnamasynyň taraplarynyň hukugyny, kanuny bähbitlerini we emläginiň bellenen kepilliklerini belleýär. Şeýle şertnamanyň şertlerinde görkezilişi ýaly, paýçynyň ýaşaşyş jaýlaryň we gozgalmaýan emläge degişli başga obýektiň paýly gurluşygynyň belli birine öz pul serişdelerini goýmagynyň esasynda, gurujy öz güýji bilen ýa-da üçünji bir şahslary işe çekip, paýçylaryň hasabyna pul serişdelerini çekmek arkaly gurluşygy amala aşyrýar. Gurluşyk işleri tamamlanandan soňra paýçy, goýlan pul serişdesiniň möçberinden ugur alyp, paýly gurluşyk obýektini-öýi ýa-da gurulýan obýektiň görnüşine garamazdan gozgalmaýan emläge degişli obýektiň belli bir bölegini hususy eýeçilige alýar. Paýçylaryň bähbidiniň goralyşy ýaly, gurujylaryň hem bähbidini goramak maksady bilen, kadalaşdyryjy hukuk namalaryň birnäçesi kabul edildi.

Mälim bolşy ýaly, köp öýli jaý diňe öýlerden ybarat bolman, ýaşalmaýan obýektlerden hem ybarat bolup biler. Olara dükanlar, ofisler, ulag duralgalary we başga obýektler degişlidir. Şu obýektleriň hemmesi ulanylanda biri-birinden tapawutlansa-da, bir bütewiligi aňladýar, sebäbi, bular öz arasynda inžener ulgamlar we kömekçi desgalar bilen baglanyşykly bolup, köp öýli jaýlaryň ählisiniň maksatlaýyn ulanylyşyna hyzmat edýär. Şularyň hemmesi kanunçylyk kadalaryny kämilleşdirmegi talap edendigi sebäpli, «Ýaşaýyş jaýlarynyň we gozgalmaýan emläge degişli başga obýektleriň paýly gurluşygy hakyndaky» Türkmenistanyň Kanunyna üýtgetmeleri we goşmaçalary girizmegi Türkmenistanyň Mejlisi tarapyndan kabul edildi. «Ýaşaýyş jaýlarynyň we gozgalmaýan emläge degişli başga obýektleriň paýly gurluşygy hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna üýtgetmeleriň we goşmaçalaryň girizilmegi bilen paýly gurluşygyň obýekti ýaşaýyş jaýy bolup durýan ýa-da ýaşalmaga degişli däl bolsa, bularyň her birine aýry hukuk ugry goýulýar. Agzalan Kanunyň 4-nji maddasyna görä, paýly gurluşyk obýektleri üç görnüşe bölünýär:

1) öýler;

2) köp öýli ýaşaýyş jaýlarynda ýerleşýän durmuş-medeni, dolandyryş binasy we söwda maksatly obýektler ýa-da olaryň aýratyn bölekleri;

3) aýratyn durýan durmuş-medeni, dolandyryş binasy, söwda we önümçilik maksatly obýektleriň aýratyn bölekleri.

Paýly gurluşyga gatnaşmagyň şertnamasy boýunça paýly gurluşygyň obýekti öý bolsa, Türkmenistanyň raýaty paýçy bolup çykyş edip bilýär, bu bolsa, sarp edijileriňki bolýar we oňa sarp edijileriň hukugyny goramak maksady bilen, kanunçylyk kadalary bellenildi, sebäbi, ol telekeçilik häsiýetine eýe däldir. Paýly gurluşyga gatnaşmagyň şertnamasy boýunça paýly gurluşygyň obýekti köp öýli ýaşaýyş jaýlarynda ýerleşýän durmuş-medeni, dolandyryş binasy we söwda maksatly obýektler, olaryň aýratyn bölekleri ýa-da aýratyn durýan durmuş-medeni, dolandyryş binasy, söwda we önümçilik maksatly obýektleriň aýratyn







bölekleridir. «Ýaşaýyş jaýlarynyň we gozgalmaýan emläge degişli başga obýektleriň paýly gurluşygy hakyndaky» Türkmenistanyň Kanunyna üýtgetmeleriň we goşmaçalaryň girizilmegi bilen, eger-de paýly gurluşygyň obýekti öý bolup durýan bolsa, paýly gurluşyga gatnaşmagyň şertnamasy boýunça paýçy bolup diňe Türkmenistanyň raýaty çykyş edip bilýär. Paýly gurluşygyň obýekti aýratyn durýan durmuş-medeni, dolandyryş binasy, söwda we önümçilik maksatly obýektleriň aýratyn bölegi, şeýle hem, köp öýli ýaşaýyş jaýynda duran durmuş-medeni, dolandyryş binasy we söwda maksatly obýekt ýa-da onuň aýratyn bölegi bolup durýan paýly gurluşyga gatnaşmagyň şertnamasy boýunça paýçylar bolup, diňe ýuridik şahsy döretmezden telekeçilik işi bilen meşgullanýan fiziki şahslar we Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda döredilen ýuridik şahslar çykyş edip bilýärler. Eger-de, raýatyň maksady ýaşaýyş jaýynyň gurluşygyna maýa goýujy - sarp ediji bolup gatnaşmak, girdeji almak bilen baglanyşyksyz bolsa, ony sarp ediji diýip hasap etmek bolar we onuň hukugyny goramak kanunçylyga degişlidir. Paýly gurluşyga gatnaşmagyň şertnamasyna raýatlaryň gatnaşmagy bilen peýda almak görnüşine degişli däldir, sebäbi raýatlaryň ýaşaýyş jaýynyň gurluşygynyň taslamasyna goýan pul serişdeleri peýda gazanmaga degişli bolman, öý edinmek üçin bolup durýar, şeýle goýumlar peýda gazanmaga we maýanyň köpelmegine getirmeýär, şonuň üçin-de ol sarp edijilik goýumy bolýar.

«Ýaşaýyş jaýlarynyň we gozgalmaýan emläge degişli başga obýektleriň paýly gurluşygy hakyndaky» Türkmenistanyň Kanunyna üýtgetmeler we goşmaçalar bilen kabul edilen täze girizmeleriň biri hem gurujynyň köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde taslama beýannamasyny çap etmegiň düzgünlerini ýerine ýetirmegiň talaplaryny aradan aýyrmakdyr. Şonuň üçin, taslama beýannamasyny çapa bermek gurujynyň borjy däl-de, onuň hukugy bolup durýar. Meselem, gozgalmaýan emläge degişli belli bir obýekti boýunça paýçylaryň sany doly ýygnalmadyk ýagdaýynda ýokarda agzalan Kanunyň 27-nji maddasynyň 1-nji bendine laýyklykda, gurujy öz islegi boýunça şu hukukdan peýdalanyp biler.

Paýly gurluşyga gatnaşmagyň şertnamalary we onuň goşmaça ylalaşyklary gurulýan gozgalmaýan emläge degişli obýektiň görnüşine garamazdan bellige alynmaga degişlidir.

Paýly gurluşygyň çygrynda esasy meseleleriň biri hem, hukuk eýeçiligini resmileşdirmek meselesiniň, ýagny, täze kadalaryň kabul etmegi hem-de bu meseleleriň çözülmegidir. Mundan beýläk ýokarda agzalan üýtgetmeler we goşmaçalar bilen kabul edilen Türkmenistanyň Kanunynyň 8-nji maddasyna laýyklykda, paýly gurluşygyň obýektiniň hususy eýeçiligi hakyndaky şahadatnamasyny bermek Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen tertipde ýerli ýerine ýetiriji häkimiýet edaralary tarapyndan amala aşyrylar.

Umuman, paýly gurluşyk hakyndaky kanunçylykda şu täze girizmeleri nazara almak bilen, Türkmenistanda paýly gurluşygyň möçberi ýyl-ýyldan köpeler diýip ynamly aýtmak bolar. Munuň özi Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe ähli ulgamlar bilen bir hatarda, paýly gurluşyk ulgamynda hem alnyp barylýan işleriň esasy maksadynyň halkyň abadan we bagtyýar durmuşda ýaşamagyny üpjün etmäge hem-de ýurdumyzyň ykdysady kuwwatynyň has-da pugtalanmagyna gönükdirilenligidir.

Bu işleriň hemmesi geljekde ýurdumyzyň ilatynyň maddy-hal ýagdaýynyň öňküden hem ýokarlanmagyna, halkymyzyň bol-elin, eşretli, bagtyýar durmuşda ýaşamaklaryna, şäherleriň, obalaryň durmuş derejesini düýpgöter özgertmekde, ösdürmekde öz oňyn täsirini ýetirjekdigini görkezýär. Munuň özi, «Ilkinji nobotda meniň ähli aladam haklym bolar» diýýän hormatly Prezidentimiziň öz halkynyň bagtyýar durmuşda ýaşamagy üçin bimöçber aladalarynyň aýdyň beýanydyr.

Gahryman Arkadagymyzyň ýurdumyzyň abadançylygynyň we gülläp ösmeginiň hatyrasyna alyp barýan tutumly işleriniň hemişe rowaç almagyny arzuw edýäris.

***Kakadurdy GAÝYPGULYÝEW,***
*Türkmenistanyň Gurluşyk we binagärlik ministrliginiň Usulyýet, nyrh emele getiriş we çykdajy ölçegleri döwlet müdirliginiň başlygynyň wezipesini wagtlaýyn ýerine ýetiriji*

**FOR THE PEOPLE'S BENEFIT**

The article deals with the questions of further improvement of the current shared building legislation. Authors explain an essence of some amendments and additions introduced into the Law «On shared building of dwelling houses and other buildings and facilities» . Thus, adoption of new norms, for example, has made it possible to solve one of the key shared building issues - registration of the ownership right. Authors express confidence that, in view of new amendments, a shared building volume in Turkmenistan will continue to increase from year to year.

**НА БЛАГО НАРОДА**

Статья посвящена вопросам дальнейшего совершенствования действующего законодательства в сфере долевого строительства. Авторы разъясняют суть некоторых изменений и дополнений, внесенных в Закон «О долевом строительстве жилых домов и иных объектов недвижимости». Так, например, с принятием новых норм решен один из ключевых вопросов в сфере долевого строительства - оформления права собственности. Авторы выражают уверенность в том, что с учетом новых поправок объемы долевого строительства в Туркменистане будут год от года возрастать.

# HÜNÄRLI ELLERIŇ GUDRATY





TEJRIBE

## Ýurdumyzyň gurluşykçylarynyň arasynda «Ezber gurluşykçy» bäsleşigi geçirildi

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe Türkmenistanyň at gazanan Arhitektory, Gahryman Arkadagymyz Gurbanguly Berdimuhamedowyň beýik başlangyjynyň we taýsyz tagallalarynyň netijesinde, ýurdumyzda alnyp barylýan gurluşyk işleri hil boýunça täze tapgyra geçmek bilen, ýokary ösüşlere eýe bolýar. Döwlet Baştutanymyzyň: «Ilkinji nobatda meniň ähli aladam halkym bolar» diýen şygaryndan ugur alyp, Türkmenistan döwletimiz gün – günden gözelleşýär, paýtagtymyz Aşgabatda we ýurdumyzyň welaýat we etrap merkezlerinde, şäherlerinde, şäherçelerinde dürli maksatly gurluşyk toplumlary gurlup, ulanmaga berilýär. Eziz Arkadagymyzyň her bir pudakda döredijilikli işlemek, halal zähmetiň hözürini görüp, bagtyýar durmuşda ýaşamak üçin döredýän giň mümkinçilikleri ähli pudaklarda halal zähmet çekýän raýatlarymyz bilen bir hatarda, gurluşyk pudagynda işläp, gurýan, döredýän gurluşykçylary hem täze-täze üstünliklere ruhlandyrýar.

Işleri täze döwrüň talabyna laýyklykda, bäsleşik esasynda ýola goýmak bir tarapdan, tutanýerli, öz işiniň ussatlaryny ýüze çykarsa, ikinji bir tarapdan, her bir pudakda ýokary üstünliklere eýe bolmaga giň mümkinçilikleri döredýär. Ýaňy-ýakynda Türkmenistanyň Kärdeşler arkalaşyklarynyň Milli Merkeziniň Geňeşiniň we Türkmenistanyň Gurluşyk we binagärlik ministrliginiň ýurdumyzyň gurluşykçylarynyň arasynda yglan eden «Ezber gurluşykçy» bäsleşigi hem şeýle maksatlardan ugur aldy.

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe «Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etrapdaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş-ýaşaýyş şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Milli maksatnamasynyň» üstünlikli durmuşa geçirilmeginiň çäklerinde, welaýatlarda, etraplarda, oba-kentlerde gurluşyk işleriniň depginini has-da ýokarlandyrmak, gurulýan binalaryň milli binagärlik keşbe eýe bolmagyny üpjün etmek, eli hünärli ezber gurluşykçylary ýüze çykarmak we höweslendirmek maksady bilen yglan edilen «Ezber gurluşykçy» bäsleşigi ilki bilen ýurdumyzyň welaýatlarynda geçirildi. Oňa gurluşyk pudagynda zähmet çekip, ýokary netijeleri gazanýan köpsanly gurluşyk edaralary gatnaşdylar. Şunlukda, öňe saýlanan gurluşyk önümçilik birleşikleri bäsleşigiň jemleýji tapgyryna gatnaşmaga hukuk gazandylar.

«Ezber gurluşykçy» bäsleşiginiň jemleýji tapgyry oklaw ýaly göni ýollary, döwrebap binalary, tebigy gözelligi bilen ýurdumyzyň binagärlik keşbinde aýratyn orun alan Ahal welaýatynyň Derweze etrabynyň «Täze zaman» obasynda geçirildi.

Bäsleşik düzgünnama laýyklykda, kerpiç örmek, beton guýmak, diwar suwamak, diwar reňklemek we aýna goýmak boýunça geçirildi.

Gurluşykçylar bäsleşik yglan edilen dessine, ir säher uly hyjuw bilen işe girişdiler. Ak sähralaryň mahmal howasy, daş-töweregi gurşap alan tebigy gözellikler, täze gurulýan jaýlaryň gözýetime sary uzap gidýän hatary gurluşykçylaryň kalbyna aýratyn hyjuwy bagyş edip, olary üstünlige ruhlandyrdy.

Mälim bolşy ýaly, häzirki döwürde döwlet Baştutanymyzyň ýakyndan ýardam bermegi netijesinde, ýurdumyzyň innowasion häsiýete eýe bolan gurluşyk pudagy häzirki zaman tehnologiýalar, gurluşyk enjamlary, gurluşyk materiallary we önümler bilen doly üpjün edilýär. Döredilýän bu şertler işleriň sazlaşykly dowam etmegine giň mümkinçilikleri açdy. Munuň şeýledigini eli hünärli ezber gurluşykçylaryň bu bäsleşiginiň mysalynda hem görmek bolýar.

Bäsleşigi synlamaga gelenler we oňa adalatly baha bermäge gatnaşan emin agzalary gysga wagtyň dowamynda bu ýerde göýä keşde deýin örülen sary kerpiçleriň hataryny, çeýeligi bilen tapawutlanýan plastik aýnalaryň ussatlyk bilen gaýym goýluşyny, ýörite edilen tagta diwarlarynyň arasyna sähel salymyň içinde gujurly elleriň gudraty bilen goýazy betonyň guýluşyny, diwarlaryň tekiz edilip suwalyşyny we reňklenilişini synladylar.

Ýurdumyzyň ussat gurluşykçylarydyr tejribeli hünärmenlerinden düzülen emin agzalary ýerine ýetirilen işleriň hiline, ýerine ýetiriliş möhletine görä, bäsleşigi jemlediler.

Şeýlelikde, kerpiç örmek boýunça I orna «Ahalgurluşyk» önümçilik birleşiginiň gurluşykçylary, II orna «Aşgabatgurluşyk» önümçilik birleşiginiň gurluşykçylary, III orna hem «Daşoguzobagurluşyk» önümçilik birleşiginiň gurluşykçylary mynasyp boldular.

Beton guýmak boýunça I orna «Daşoguzobagurluşyk» önümçilik birleşiginiň gurluşykçylary, II orna «Ahalgurluşyk» önümçilik birleşiginiň gurluşykçylary, III orna «Lebapgurluşyk» önümçilik birleşiginiň gurluşykçylary eýe boldular.

Diwar suwamak boýunça I orna «Marygurluşyk» önümçilik birleşiginiň gurluşykçylary, II orna «Balkangurluşyk» önümçilik birleşiginiň gurluşykçylary, III orna bolsa «Daşoguzobagurluşyk» önümçilik birleşiginiň gurluşykçylary mynasyp boldular.

Diwar reňklemek boýunça I orna «Lebapgurluşyk» önümçilik birleşiginiň gurluşykçylary, II orna «Aşgabatgurluşyk» önümçilik birleşiginiň gurluşykçylary, III orna bolsa «Balkangurluşyk» önümçilik birleşiginiň gurluşykçylary eýe boldular.

Aýna goýmak boýunça I orna «Aşgabatgurluşyk» önümçilik birleşiginiň gurluşykçylary, II orna «Ahalgurluşyk» önümçilik birleşiginiň gurluşykçylary, III orna hem «Marygurluşyk» önümçilik birleşiginiň gurluşykçylary mynasyp boldular.

Bäsleşikde ýeňiji bolan gurluşykçylara Türkmenistanyň Kärdeşler arkalaşyklarynyň Milli Merkeziniň Geňeşiniň gymmat bahaly sowgatlary gowşuryldy.

Ezber gurluşukçylar her bir güni ýokary üstünliklere beslenýän häzirki ajaýyp döwrümizde gurmak, döretmek babatda özleri üçin döredilýän şeýle giň mümkinçilikler üçin Arkadag Prezidentimize çäksiz hoşallyklaryny beýan etdiler.

### MAN-MADE MIRACLES

The publication provides the information about the recently held in the country professional competition for the «Skillful builder» title, which has been organized by the National Trade Unions Center of Turkmenistan and the Ministry of Construction and Architecture. The competition's first round with participation of many building organizations has been held in the country's velayats. Production associations, which have won the first round, have acquired the right to compete in the competition's final round in Derveze etrap's Taze zaman village (Akhal velayat). Members of a jury, including master builders and experienced experts who have judged the competition in five nominations: walling, concreting, plastering, painting and glazing. At that, quality of works and execution time has been taken into consideration. A sectoral show has been very interesting. Winners in every nomination have been awarded valuable prizes.

### ЧУДО, СОТВОРЕННОЕ УМЕЛЫМИ РУКАМИ

Публикация информирует читателя о недавно проведенном в стране профессиональном конкурсе за звание «Искусный строитель», организаторами которого выступили Национальный центр профсоюзов Туркменистана и Министерство строительства и архитектуры. Первый тур конкурса, вовлекшего в свою орбиту многочисленные строительные организации, был проведен в велаятах страны. Производственные объединения, ставшие победителями в первом туре, завоевали право на участие в завершающем этапе состязания, который состоялся в селе Тязе заман Дервезинского этрапа Ахалского велаята. Члены жюри, в состав которого вошли мастера-строители и опытные специалисты, оценивали мастерство своих коллег по пяти номинациям: кладка стен, бетонирование, штукатурка стен, малярные работы и остекление, учитывая при этом качество работ и время их выполнения. Профильный смотр получился очень интересным. Победители в каждой номинации были награждены ценными призами.

TEJRIBE



# GURLUŞYK SENAGATY PUDAGY:
## GAZANYLÝAN ÜSTÜNLIKLER, GELJEGIŇ MÖHÜM UGURLARY



Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň öňdengörüjilikli syýasytynyň netijesinde ýurdumyzda alnyp barylýan gurluşyk işleri hil boýunça täze tapgyra geçmek bilen ýokary ösüşlere eýe bolýar. Şu ýylyň aprel aýynda Aziýanyň dürdänesine öwrülen gözel paýtagtymyz Aşgabadyň Sergi köşgünde milli Liderimiziň başlangyjy bilen ýurdumyzyň Söwda-senagat edarasy tarapyndan guralan halkara gurluşyk forumy hem muny doly beýan etdi.

Berkarar Watanymyzyň gurluşyk pudagynda gazanylýan üstünliklerine bagyşlanyp geçirilen sergä pudak edaralary, gurluşyk materiallary senagatynyň kärhanalary hem-de türkmen we daşary ýurt kompaniýalarynyň 107-si gatnaşdy.

Sergide gurlan 125 sany diwarlygyň her biri özboluşlylygy bilen ünsüňi çekýär. Köpugurly işler hakynda gürrüň berýän diwarlyklar daşary ýurtly hünärmenlerinde aýratyn gyzyklanma döredýär. Olaryň hatarynda ýurdumyzyň Gurluşyk we binagärlik ministrliginiň we «Türkmenawtoýollary» döwlet konserniniň düzümine girýän edara-kärhanalaryň alyp barýan köpugurly işlerini, hususy gurluşyk pudagynda işleýän «Beýik bina», «Ussat inžener», «Aga gurluşyk», «Berk ýol» we beýleki hususy kärhanalary görkezmek bolar.

Sergide «Bosch», «Mammut building system», «Buig Türkmen», «Betek», «Swiss Pearl», «Bhushan steel», «Aksapark», «Mathios Refractories S.A», «Elxolding», «Sportes» ýaly dürli ugurlarda zähmet çekýän daşary ýurt kompaniýalary innowasion gurluşyk we timarlaýyş materiallaryny we ýörite tehnikalaryny görkezdiler.

Daşary ýurt kompaniýalarynyň diwarlyklary olaryň Türkmenistana desgalaryň taslamalaryny düzmekde hem-de gurmakda, olary döwrebap şekilde bezemekde, seýilgähleri we sport toplumlaryny döretmekde öz täzeliklerini teklip etmäge taýýardygyny görkezdi. Bu kompaniýalar sergä gatnaşýanlary binalar üçin çeýe elektrik geçiriji ulgamlary, çagalar we sport şäherçeleri üçin enjamlary, şeýle hem, innowasion örtüji we ýylylyk saklaýjy serişdeleri bilen tanyşdyrdylar.

Sergide dürli jaý bezeg önümleri, mebeller, ýol gurluşygynda zerur bolan howpsuzlyk we ýşyklandyryş








SERGI



enjamlary, sport meýdançalary üçin sport düşekleri, türgenleşik enjamlary hem köpleriň ünsüni özüne çekdi.

Häzir ýurdumyzda awtobanlaryň müňlerçe kilometri, ýaýlymly-ýaýrawly köprüler, estakadalar, ýol aýrytlary gurulýar. Sergi köşgüniň açyk sergi meýdançasynda görkezilýän tehnikalar bu ugra innowasiýalaryň berk ornaşýandygyny beýan edýär.

Sergide okgunly ösýän paýtagtymyzyň, şäherlerimiziň we obalarymyzyň ösüşini gurulýan dürli maksatly desgalaryň taslamalarynda synlamak bolýar. Bu saparky sergi türkmen obalarynyň hem-de şäherleriniň geljegine göz aýlamaga hem mümkinçilik berýär. Paýtagtymyzyň çäginde hatar-hatar bolup gidýän döwrebap ýaşaýyş jaýlary, gözel binalar, ägirt uly Olimpiýa şäherçesiniň gurluşygy, täze döreýän obalaryň keşpleri, ol obalara sary uzaýan oklaw ýaly şaýollar ýakymly duýgulary oýarýar.

Wekilçilikli toparyň çäklerinde Sergi köşgünde maslahat hem geçirildi. Oňa pudak edaralarynyň, ýurdumyzyň we daşary döwletleriň kompaniýalarynyň wekilleri, dünýäniň köp ýurtlaryndan gurluşyk senagatynyň bilermenleri we hünärmenler gatnaşdy.

* * *

Şu ýylyň 24-25-nji maýynda paýtagtymyzyň Sergi köşgünde gurluşyk ulgamyna degişli ýene-de bir forum geçirildi. «Ak şäherim Aşgabat» ady bilen geçirilen XIV halkara köpugurly sergide türkmen paýtagtynyň şähergurluşyk ulgamynda gazanan netijeleri we mundan beýläkki ösüşi, şeýle hem, bu ulgamda hyzmatdaşlygyň ileri tutulýan ugurlary beýan edildi.

Bu gezekki foruma kompaniýalaryň we kärhanalaryň 130-a golaýynyň gatnaşmagy, olaryň 40-dan gowragynyň daşary ýurt kompaniýalarynyň bolmagy daşary ýurt maýadarlarynyň we potratçylarynyň geljegi uly we türkmen ykdysadyýetiniň ösýän ulgamy bolan gurluşyk pudagyna gönükdirilen ýokary gyzyklanmalarynyň aýdyň subutnamasydyr. Sergide ýokary tehnologiýaly enjamlar, gurallar, häzirki zaman gurluşyk we bezeg serişdeleri, täzeçil işläp taýýarlamalar we tehnologiýalar, şäher gurşawynyň möhüm meselelerini çözmek we onda ýaşamagyň, şäher hojalygyny dolandyrmagyň oňyn şertlerini üpjün etmek bilen baglanyşykly taslamalar görkezildi.

Milli ykdysadyýetimizde özüni bäsleşige ukyply hyzmatdaş hökmünde görkezýän türkmen telekeçileri hem bu çärä işjeň gatnaşdylar. Türkmenistanyň hususy gurluşyk düzümleriniň «Aga gurluşyk», «Myradym», «Eziz doganlar», «Ojak», «Ojar Aziýa» ýaly hususy kärhanalar we beýlekiler alyp barýan işleriniň dürli ugurlaryny görkezdiler.

Wekilçilikli gözden geçirilişe gatnaşýan belli daşary ýurt kompaniýalarynyň hatarynda «Buig Türkmen», «Vinci», «Knauf», «TUF», «Mseniskiý zawod «Kommaş», «Altkom» kompaniýalary bar.

Ýakyn wagtda Aşgabadyň keşbini has-da gözelleşdirjek edara binalaryny, myhmanhanalary, sport desgalaryny gurýan «NATA», «Gap Inşaat», «Ronesans», «Belda», «Efor» we beýleki Türkiýäniň belli gurluşyk kompaniýalary dürli maksatly desgalaryň nusgalaryny görkezdiler.

Sergide Türkmenistanda seýsmiki taýdan durnukly gurluşugyň ösdürilmegi, bu babatda türkmen hünärmenleriniň geljegi uly işläp taýýarlamalary bilen baglanyşykly meseleleriniň has gyzyklanma döredendigini bellemeli. Bu pudagy dolandyrmak işine sebitleýin derejede bolşy ýaly, milli we ýerli şertlerde aýratyn ähmiýet berilýär. Hormatly Prezidentimiziň gatnaşmagynda şu ýylyň mart aýynda Ýaponiýanyň Sendaý şäherinde geçirilen BMG-niň tebigy betbagtçylyklaryň töwekgelçiligini azaltmak babatdaky III Bütindünýä maslahatynda hem bu meselä uly üns berildi.

Serginiň çäklerinde binagärligiň we şähergurluşygyň möhüm ugurlaryna, Aşgabat şäheriniň ulag we energetika düzüminiň geljekki ösüşine bagyşlanan maslahat hem geçirildi. Onda çykyş eden daşary ýurtly hünärmenler gurluşykda, şol sanda, ýol gurluşygynda häzirki zaman gurluşyk serişdelerini peýdalanmak, şäher hojalygyna, menejment ulgamyna täze tehnologiýalary, maýa goýum serişdelerini çekmek bilen baglanyşykly meselelere giň orun berdiler.

***Metbugat habarlary esasynda taýýarlanyldy***








**BUILDING INDUSTRY:**
**ACHIEVEMENTS AND DEVELOPMENT PROSPECTS**

The colossal scope of construction ongoing in the country was demonstrated by two large exhibitions, which Ashgabat hosted in spring. More than 125 participants, including 107 foreign companies, presented their expositions at the International Building Exhibition that was organized by the country's Chamber of Commerce and Industry with the active participation of construction sector's departments. The XIV International Universal Exhibition «White City Ashgabat» was held in the metropolitan Exhibition Center «Sergi köşgi», which became a panoramic presentation of the city planning transformations in the country's capital city, and new vistas of cooperation in a context of its development plans. The International Conference on conceptual architectural and town-planning trends and the development prospects of Ashgabat city's infrastructure was held in the exhibition's framework.

**СТРОИТЕЛЬНАЯ ИНДУСТРИЯ:**
**ДОСТИЖЕНИЯ И ПЕРСПЕКТИВЫ РАЗВИТИЯ**

Грандиозный размах осуществляемого в стране строительства наглядно отразили две крупные выставки, состоявшиеся в Ашхабаде этой весной. Международной строительной выставке, организованной Торгово-промышленной палатой страны при деятельном участии ведомств строительного комплекса свои экспозиции представили более 125 участников, в том числе 107 иностранных компаний. А в столичном Выставочном центре «Sergi köşgi» состоялась XIV Международная универсальная выставка «Белый город Ашхабад», представляющая панораму градостроительных преобразований в столице страны и перспективы сотрудничества в контексте планов ее развития. В рамках выставки прошла Международная конференция, посвященная концептуальным направлениям архитектуры и градостроительства, перспективам развития инфраструктуры Ашхабада.



# ÝAŞAÝYŞ JAÝLARYNDA ENERGIÝA TYGŞYTLYLYGYNY ÝOKARLANDYRMAGYŇ ÝOLLARY

## Birleşen Milletler Guramasynyň Ösüş Maksatnamasynyň «Türkmenistanyň ýaşaýyş jaý gurluşygy pudagynda energetika üpjünçiligini gowulandyrmak» taslamasy

Türkmenistanda energiýanyň tygşytlanmagyna uly üns berilýär. Soňky ýyllarda energiýadan netijeli peýdalanmak meselesi jaý gurluşygynda möhüm orna eýe boldy. Munuň özi hormatly Prezidentimiziň energiýa serişdelerini tygşytlamagyň zerurdygy babatda öňde goýan wezipelerini durmuşa geçirmegiň barşynda has-da wajypdyr.

Birleşen Milletler Guramasynyň Ösüş Maksatnamasynyň «Türkmenistanyň ýaşaýyş jaý gurluşygy pudagynda energetika üpjünçiligini gowulandyrmak» taslamasynyň çäklerinde alnyp barylýan işler bu ugurda ýerine ýetirilýän çäreleriň tizleşdirilmegine, ýaşaýyş jaýlaryny taslamagyň täze usullarynyň netijeli ornaşdyrylmagyna hem-de işleriň kämilleşdirilmegine gönükdirilendir.

### Türkmenistanyň gurluşyk kadalaryny kämilleşdirmek

Geçen ýyldan başlap Türkmenistanyň Gurluşyk we binagärlik ministrligi BMG-niň Ösüş Maksatnamasynyň goldaw bermegi netijesinde Türkmenistanyň «Gurluşyk ýylylyk tehnikasy» we «Gurluşyk klimatologiýasy» hakyndaky gurluşyk kadalaryny gaýtadan işlemek boýunça zerur çäreleri durmuşa geçirip ugrady. Ony «Türkmendöwlettaslama» Döwlet taslama ylmy-önümçilik birleşigi işläp taýýarlady. Täze kadalaşdyryjy resminamalaryň işlenip taýýarlanylmagy öz aralarynda berk baglanyşyklydyr. «Gurluşyk klimatologiýasynyň» täze redaksiýasynda energiýa tygşytlaýjy binalary we desgalary, olaryň ýyladyş, salkynladyş, sowadyş ýaly inženerçilik ulgamyny, şeýle hem, şäher we oba ýerlerini meýilnamalaşdyrmakda taslamalary işläp taýýarlamak üçin «Gurluşyk ýylylyk tehnikasy» kadalaşdyryjynyň talaplaryny nazara almaga mümkinçilik berýän klimatik ölçegler has-da işjeňleşdirildi.

Käbir ýagdaýlar, hususanda, soňky onýyllygyň dowamynda Türkmenistanyň çäginde howanyň üýtgemegi «Gurluşyk klimatologiýasyna» täzeden seretmek zerurlygyny ýüze çykardy. 2012-nji ýylda tassyk edilen Türkmenistanda howanyň üýtgemegi boýunça Milli strategiýasyna laýyklykda, soňky birnäçe ýylyň dowamynda ýurdumyzyň çäklerine yzygiderli ýylylyk howasy aralaşýar. Şunuň bilen baglylykda, «Gurluşyk klimatologiýasynyň» häzirki redaksiýasyndaky klimatik ölçeglere düzedişler girizmek zerur bolup durýar.

Üýtgemeler esasanda, ilki bilen daşky howanyň ortaça aýlyk we ýyllyk temperaturalaryna, ýylyň sowuk we ýyly döwürleriniň howa ölçeglerine, şeýle hem, Türkmenistanyň esasy şäherleri üçin (welaýat we etrap merkezleri hem degişli) howanyň ortaça aýlyk we ýyllyk temperaturasyna degişli bolar.

Ýakynda BMG-niň Ösüş Maksatnamasynyň taslamasy Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Gidrometerologiýa baradaky Milli komitetiň we «Türkmendöwlettaslama» Döwlet taslama ylmy-önümçilik birleşiginiň hünärmenleri üçin Türkmenistanyň «Gurluşyk klimatologiýasynyň» gurluşyk kadalarynyň möhümligini artdyrmak bilen baglanyşykly meseleler boýunça trening-maslahatyny gurady. Oňa bu kadalaşdyryjy resminamanyň täzeden işlenip taýýarlanylmagy hem girizildi.

Türkmenistanyň gurluşyk kadalarynyň «Gurluşyk ýylylyk tehnikasy» taslamasy ilkinji gezek jaýlaryň energetika tygşytlaýyş derejesiniň täze görkezijilerini girizmegini göz öňünde tutýar. Onda ýylatmak we salkynlatmak üçin energiýanyň zerur möçberleri, binanyň ähmiýeti kesgitlenýär we taslama taýýarlanylanda, gurluşykda, jaýlaryň ulanylyşynda, şeýle hem, binalaryň energetika pasportlaryny işläp taýýarlamakda hem-de doldurmakda energýa tygşytlaýjy derejeleriň







görkezijilerine baha berilýär. Bu resminamanyň baş maksady, adamlar üçin zerur bolan ýylylygy, salkynlygy üpjün etmekde binalarda ulanylýan energiýa serişdelerini tygşytlamagyň kadalaryny işläp taýýarlamakdan ybaratdyr.

Deslapky barlaglara göra, U-148 kysymly täze binalarda energiýanyň tygşytlaýyş mümkinçilikleriniň görkezijisi pesinden 25 göterimden, abatlanylan binalarda bolsa, ol 38 göterime ybaratdyr. Täzeden ýola goýlan gurluşyk kadalarynyň netijesinde energiýany tygşytlamagyň netijeliligine berilýän bahalaryň seljerilmesi, bu jaýlarda ýylylyk energiýany ortaça 32-38%, elektrik energiýasyny bolsa 5%-den 40%-de çenli tygşytlap bolýandygyny görkezdi.

BMG-niň Ösüş Maksatnamasynyň taslamasynyň çäklerinde, gurulýan täze jaýlardan energiýany tygşytlamak boýunça çäreleriň ornaşdyrylmagy bilen, U-148 kysymly 9 gat ýaşaýyş jaýlarynda ulanylýan energiýa serişdeleriniň ýyllyk tygşytlaýyş derejesiniň deslapky hasaplamalary geçirildi. Onda alnan netijeleriň görkezişi ýaly, tygşytlanan tebigy gazyň möçberleri her ýylda 40 müň kub metr gaza ýa-da ilkibaşky energiýa sarp ediş taslamasyndan 30 göterim peselmegine baradardyr.

Häzirki döwürde Türkmenistanyň U-148 kysymdaky ýaşaýyş jaýlary Aşgabatda Parahat 7/1, Parahat 7/2 we Parahat 7/3 täze kiçi etrapçalarda gurulýar. Täzeden seredilen gurluşyk kadalara laýyklykda, bu jaýlara energiýa tygşytlaýjy çäreleriň ornaşdyrylmagy, her ýylda 10 million kub metr gazy tygşytlamaga mümkinçilik berdi.

### Ýaşaýyş jaýlaryna energoaudit tejribesini ornaşdyrmak

Türkmenistanyň «Gurluşyk ýylylyk tehnikasy» gurluşyk kadalaryna gaýtadan seredilenden soň, energiýany netijeli peýdalanmak ulgamyna bolan talaplary güýçlendirdi. Şol talaplaryň biri hem, taslama taýýarlanan döwründe, gurluşyk tamamlanandan soň we onuň ulanylýan döwründe energetik auditiň geçirilendigini tassyklaýan resminama bolan «Binanyň energetik pasportyny» doldurmak zerurlygy bolar.

Bu işler Türkmenistanyň energiýa auditiň çärelerini işjeňleşdirýär. Ýakyn ýyllarda bolsa ol energiýa tygşytlaýjy tehnologiýany ulanmaga gurluşykçylaryň we jaý eýeleriniň gyzyklanmalaryny höweslendirmegiň möhüm guralynyň, ýurdumyzyň jemagat hojalygynda energi-

ýa tygşytlaýjy mümkinçiligi üpjün edýän wajyp şertiniň birine öwrüler.

Energiýa audit geçirilen energiýa tygşytlaýjy çäreleriň, gurluşyk mahalynda ulanylan serişdeleriň we tehnologiýalaryň netijeliligi hakyndaky anyk maglumatlary almaga, şeýle hem binalaryň hereket edýän kadalara we ülňülere näderejede gabat gelýändigine baha bermäge mümkinçilik berýär. Energiýa auditi geçirmek işi diňe bir ýaşaýyş jaýlarynda däl, eýsem, senagat desgalarynda GDA, Ýewropa we ABŞ-nyň ýurtlarynda öňräkden bäri netijeli ulanylýar.

Häzirki döwürde Ýewropanyň we GDA-nyň birnäçe ýurtlarynda energiýa auditini geçirmek binanyň ýylylyk goragy, onuň hakyky energiýa sarp edişi hakyndaky taslama maglumatlaryny özünde jemleýän we hereket edýän kada laýyklykda, binalaryň energiýa tygşytlaýyş derejesini tassyklamaga gönükdirilen resminama bolan binanyň energetika pasportyny almak üçin möhüm şert hasaplanylýar. Munuň üçin türkmen hünärmenleri şeýle özgertmelere taýýarlandylar. BMG-niň Ösüş Maksatnamasynyň taslamasy ýurdumyzyň ähli welaýatlarynda işleýän hünärmenler üçin binalaryň energiýa auditi boýunça ýörite okuwlar meýilnamalaşdyrdy.

«Türkmengaz» döwlet konserniniň we Türkmenistanyň Jemagat hojalygy ministrliginiň goldamagynda bu taslama Daşoguz, Mary we Lebap welaýatlaryndaky ýaşaýyş jaýlaryna energiýa auditi geçirmek boýunça okuw maslahatlarynyň üçüsi guraldy. Oňa energiýa üpjünçilik kompaniýalarynyň, energiýa gözegçilik guramalarynyň işgärleri we jemagat hojalygy toplumynyň hünärmenleri gatnaşdy.

Okuw maslahatlarynda ýörite wagyzçylar, BMG-niň Ösüş Maksatnamasynyň taslamasynyň milli bilermenleri diňleýjilere energiýa auditiň birnäçe görnüşlerini ýerine ýetirmek, energiýany harçlamagynyň esasynda şeýle enjamy ulanmak arkaly, şeýle hem ýörite enjamy ulanmazdan durmuşa geçirilmeli çäreler bilen baglanyşykly sapaklary geçýärler.

Ölçeýji gurallary ulanmak arkaly energiýa auditiň umumy maglumatyny almak üçin okuw maslahatyna gatnaşyjylar welaýat merkezlerinde bar bolan ýaşaýyş jaýlaryna baryp görýärler we taslamanyň milli bilermenleriniň ýolbaşçylygynda jaýyň içindäki we daşyndaky howany, örtük serişdelerini ölçeýärler, gün şöhlesi we başga-da köp zatlar hakynda maglumat taýýarlaýarlar. Bu bosa enegiýa auditiň işiniň netijeliligini ýokarlandyrmaga mümkinçilik berýär. Energiýa barlaglaryň netijeleri boýunça diňleýjiler binalarda energiýa tygşytlaýşyň netijeliliginii ýokarlandyrmak boýunça toplumlaýyn çäreleri kesgitleýärler. Bu pes emisiýaly aýnalar bilen aýna paketlerini oturtmakdan ybaratdyr. Ol ýylylyk gaýtarjy serişdelere eýe bolmak bilen, energiýa tygşytlaýjy kuwwatlyga, şeýle hem teklip edilen çäreleriň ykdysady netijesine göz ýetirmäge mümkinçilik berýär.

Şu ugur boýunça okuw sapaklary ýakyn wagtda BMG-niň Ösüş Maksatnamasynyň taslamasyna laýyklykda, Aşgabatda we Türkmenbaşy şäherinde jemagat hojalygy toplumynyň hünärmenleri, şeýle hem Ahal welaýatynyň, Aşgabat şäheriniň we Balkan welaýatynyň ýerli energetika kompaniýalarynyň işgärleri üçin geçiriler.

* * *

Birleşen Milletler Guramasynyň Ösüş Maksatnamasynyň «Türkmenistanyň ýaşaýyş jaý gurluşygy pudagynda energetika üpjünçiligini gowulandyrmak» taslamasy 2012-nji ýylda başlandy. Bu taslama «Türkmengaz» döwlet konserni bilen bilelikde «Ählumumy Ekologiýa Gaznasynyň» maliýe goldawy netijesinde ýerine ýetirilýär.

Taslama Türkmenistan üçin örän möhüm we öz wagtynda öňe sürlen çäre bolup durýar. Çünki, onuň durmuşa geçirilmegi Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan 2012-nji ýylyň 15-nji iýunynda tassyklanan howanyň üýtgemegi boýunça Türkmenistanyň Strategiýasynyň durmuşa geçirilmegine möhüm goşantdyr.

***Irina ATAMYRADOWA,***
*BMG-niň Ösüş Maksatnamasynyň*
*ýaşyl ykdysadyýeti ösdürmek boýunça*
*Türkmenistandaky maksatnamasynyň menejeri*

## WAYS TO ENHANCE THE ENERGY EFFICIENCY IN RESIDENTIAL BUILDINGS

The article deals with the UNDP-supported project «Enhancement of the energy efficiency in the housing construction sector of Turkmenistan» , begun in 2012. Lately, the energy-efficient buildings construction issue has been gaining more currency due to the need for saving energy resources. Activity in the framework of this UNDP-supported project is intended to encourage an active movement in this field and give particular attention to the development and improvement of building norms, as well as to ensure the effective introduction of new residential buildings designing methods. The project is carried out in cooperation with the state concern «Turkmengaz» with the Global Environmental Fund's financial support. Its completion would be an important contribution to the implementation of the «Climate change strategy of Turkmenistan», approved by the President of Turkmenistan on June 15, 2012.

## ПУТИ ПОВЫШЕНИЯ ЭНЕРГОСБЕРЕЖЕНИЯ В ЖИЛЫХ ЗДАНИЯХ

В статье рассматривается проект ПРООН «Улучшение энергетической эффективности в секторе жилищного строительства Туркменистана», начатый в 2012 г. В последнее время тема возведения энергосберегающих зданий становится все более актуальной в связи с необходимостью экономии энергоресурсов. Деятельность в рамках данного проекта ПРООН призвана помочь ускорить движение в этом направлении и уделить особое внимание разработке и совершенствованию строительных норм и эффективному внедрению новых методов проектирования жилых зданий. Проект выполняется совместно с государственным концерном «Туркменгаз» при финансовой поддержке Глобального Экологического Фонда. Его реализация станет важным вкладом в выполнение «Стратегии Туркменистана по изменению климата» утвержденной Президентом Туркменистана 15 июня 2012 года.

M&B GROUP

MUHAMMET - BALKAN










Ilkinji nobatda biz türkmen döwletiniň pudaklarynyň ösüşine hemme taraplaýyn ýardam berýän we telekeçiler üçin ähli şertleri üpjün edýän hormatly Prezidentimize çuňňur hormatymyzy we hoşallygymyzy mälim edýäris. "Muhammet-Balkan" hojalyk jemgyýeti 2009-njy ýylda döredildi. Şu döwrüň içinde biziň hojalyk jemgyýetimiz birnäçe iri we kiçiräk möçberdäki gurluşyk-gurnama taslamalaryny ýerine ýetirdi. Muňa mysal hökmünde Ahal welaýatynyň Baharly etrabynyň Garawul obasyndaky 780 orunlyk orta mekdebi, Baharly etrabynyň Mürçe we Garagan obalaryndaky her biri 600 orunlyk orta mekdepleri görkezmek bolar. Şeýle hem, hojalyk jemgyýetimiz Aşgabat şäheriniň Magtymguly şaýolunyň ugrunda ýerleşýän Magtymguly seýilgähiniň gurluşygyna gatnaşdy we ony ýokary derejede ýerine ýetirdi.

Ýakynda Aşgabat şäherinde "Halkara awtoterminaly" toplumy gurlup ulanmaga berildi. Şeýle hem, Bereket-Etrek demir ýolunyň ugrunda "Akjadepe" we "Däneata" demir ýol menzilleriniň gurluşygy tamamlandy.

Häzirki döwürde Oguzhan köçesiniň ugrunda birnäçe desgalaryň, şol sanda 600 orunlyk orta mekdebiň gurluşygyna girişmek we onuň ýanaşyk ýerlerini abadanlaşdyrmak boýunça taslamanyň taýýarlygyna girişildi. Bu işlerde daşary ýurtlaryň öňdebaryjy önüm öndürijilerinden satyn alnan kuwwatly gurluşyk tehnikalary we döwrebap enjamlary ulanylýar.

Biziň kompaniýamyz mundan beýläk-de döwletimiziň ösüşiniň bähbidine ýaýbaňlandyrylan köp sanly gurluşyk işlerine gatnaşmagy meýilleşdirýär.

Big thanks to our President for his support in the construction sphere and for giving an opportunity to develop entrepreneurship in our country. Commercial Society "Muhammet-Balkan" has been established in 2009. During the last period our Commercial Society was involved in a number of big as well as small-scale construction and installation projects. Apart from that our firm completed the construction and successfully commissioned a number of buildings, such as a secondary school for 780 students in Garavul village of Baharly district, a secondary school for 620 students in Murche village of Baharly district, and a secondary school for 620 students in Garagan village of Baharly district (Ahal region).

Our commercial society took part in the reconstruction works and the successful commissioning of the Mahtumkuli monument located along the Mahtumkuli Avenue in Ashgabat.

Recently, the ceremonial completion and successful commissioning of the complex of "International Auto-terminal" has been celebrated in Ashgabat city and completed the construction of railway stations "Akjadepe" and "Danata" along the railway line Bereket-Etrek.

At present a wide range of works are being carried out and being prepared for the upcoming opening ceremony "Preparation of the project for construction and provision of urban amenities of facilities and building along Oguzhan Street of a secondary school for 600 students". A wide range of construction machinery and equipment bought from international companies and firms are being used for the above-mention projects and works.

We hope that our constructions will help in the development of a bright future of our country.

В первую очередь, хотим выразить свое почтение и признательность уважаемому Президенту, который содействует развитию Туркменского государства во всех отраслях, создавая все условия предпринимателям. Хозяйственное общество "Мухаммет-Балкан" было учреждено в 2009 году. В течение прошлого периода, наше хозяйственное общество было вовлечено в ряд крупных, так и менее масштабных строительно-монтажных проектов. К примеру, средняя школа на 780 мест в селе Гаравул Бахарлинского этрапа, средняя школа на 620 мест в селе Мурче Бахарлинского этрапа и средняя школа на 620 мест в селе Гараган Бахарлинского этрапа, Ахалского велаята. Также, наше хозяйственное общество участвовало в строительстве и успешно сдало в эксплуатацию объект парка Махтумкули по проспекту Махтумкули в городе Ашхабад.

Недавно, отмечалось торжественное завершение и успешная сдача в эксплуатацию строительство комплекса "Международного Авто-терминала" в городе Ашхабад, а так-же закончилось строительство железнодорожных станций "Акджадепе" и "Даната" вдоль железнодорожной ветки Берекет-Этрек.

В настоящее время ведётся работа по строительству "Подготовке проекта по сооружению и благоустройству прилегающей территории вдоль улицы Огузхан объектов и зданий средней школы на 600 мест". В этих работах широко задействована строительная техника и оборудование, которые были закуплены у иностранных фирм и компаний.

В дальнейшем наша компания планирует участвовать во многих строительных работах во благо развития нашего государства.

**Phones/телефоны:**
**+(993 12) 48 87 02, +(993 12) 48 80 61,**
**+(993 65) 70 41 51, +(993 66) 30 41 51**
**E-mail: muhammetbalkan@muhammet-balkan.com**

# SUW ÜPJÜNÇILIGINI GURNAMAGYŇ MÜMKINÇILIKLERI

*«Suw diplomatiýasynyň» köpugurly gatnaşyklaryň täze syýasy-diplomatik ýollaryny döretmekde ygtybarly gural bolup hyzmat etjekdigini, şunda biz suw serişdeleriniň çeşmelerini emele getirmek we gaýtadan dikeltmek, olaryň oýlanyşykly we rejeli peýdalanylmagy bilen baglanyşykly ähli meselelere garamaga gönükdirilen yzygiderli gepleşikleri geçirmek mümkinçiliklerini görýäris. Türkmenistan hut şeýle çemeleşmeleriň, Merkezi Aziýada suw we suw energetika meselelerine halkara hukugynyň umumy ykrar edilen kadalarynyň, özara hormat goýmagyň we sebitiň ähli döwletleriniň bähbitleriniň hasaba alynmagy bilen hem-de halkara guramalarynyň gatnaşmagynda garalmagynyň we çözgüdini gözlemegiň yzygiderli tarapdary bolup çykyş edýär.*

*Suw meselelerini umumy dünýä derejesinde çözmek işleriniň howanyň üýtgemegi bilen baglanyşykda çylşyrymly häsiýete eýe bolandygyny ykrar etmek bilen, Türkmenistan BMG-niň howandarlygynda we işjeň gatnaşmagynda ýöriteleşdirilen düzümi – Howanyň üýtgemegi bilen baglanyşykly tehnologiýalar boýunça Sebit merkezini döretmek baradaky başlangyç bilen çykyş etdi.*

**Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň 2015-nji ýylyň 12-nji aprelinde Koreýa respublikasynyň Tegu şäherinde geçirilen VII-Bütindünýä suw forumynda eden çykyşyndan.**

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow Watanymyzyň raýatlarynyň ýaşaýyş-durmuşyny gowulandyrmak maksady bilen dünýä derejesindäki ajaýyp binalary, desgalary, ýaşaýyş jaýlary gurdurýar.

«Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etrapdaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş-ýaşaýyş şertlerini düýpli özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Milli maksatnamasyny» durmuşa geçirmegiň çäklerinde medeni-durmuş maksatly desgalaryň birnäçesi gurulýar. Olaryň hatarynda hassahanalar, saglyk öýleri we merkezleri, mekdepler we çagalar baglary, medeniýet öýleri we sport desgalary bar. Bulardan başga-da, suw geçirijileri, guýulary, lagym ulgamyny, awtomobil ýollaryny, elektrik geçirijileri gurmak we olaryň durkuny täzelemek meýilleşdirilýär.

Halk hojalygynyň ähli pudaklarynyň binýadyny maddy-tehniki taýdan kämilleşdirmek bilen bir hatarda, ýangyç-energetika düzüminiň, himiýa senagatynyň, tekstil toplumynyň, agrosenagat toplumynyň, ulag-kommunikasion gurşawynyň täze desgalaryny bina etmek hem meýilleşdirilýär.

Ýokarda görkezilen meýilnamalary amala aşyrmak üçin köp mukdarda suw gerekdir. Halk hojalygynyň suwa bolan isleginiň ösmegi, ilatyň sanynyň artmagy, ýerasty suwlaryň ulanylyşyny giňeltmegiň mümkinçilikleri suw üpjünçiliginiň täze çeşmelerini gözlemegi talap edýär.

Agyz suwy adam saglygy üçin örän ähmiýetlidir. Agyz suwunyň hiline tutuş ýurduň ähli sebitleriniň ekologik we epidemiologik howpsuzlygy, ykdysady ösüşi hem baglydyr. Türkmenistanyň döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugry – bu ekologik taýdan arassa suwlary rejeli peýdalanmakdyr.

Halk hojalygynyň ösdürilmegi, iri kärhanalaryň suw üpjünçilik meseleleriniň oňyn çözülmegini talap edýär. Şunuň bilen baglylykda, gözleg-agtaryş işleriniň ylmy taýdan esaslandyrylan ugruny saýlap almagyň möhüm ähmiýeti bardyr.

Suwlaryň düzüminiň mukdar görkezijileriniň ygtybarly çeşmeleri tiz üýtgeýän gidrogeologik ýagdaýy özleşdirmäge mümkinçilik berýär we ýerasty suwlaryň gorlaryny we baýlyklaryny ulanmagy amatly ýagdaýa eýe edýär. Geologik-barlag işleriniň netijelerinden alnan maglumatlar süýji we gowşak duzly suwlaryň döremegi üçin geologik-gidrogeologik şertler bolan meýdanlarda çäklendirilen görnüşde ýaýrandygyny görkezýär. Bu – Köpetdagdaky, Uly Balkandaky we Gissaryň günorta-günbatar şahasynda çetwertikden öňki çökündileriň çykyş meýdanlary bolup, onda gorlaryň döremegi geologik gurluşyň gümmezli böleklerinde tektonik zolagyň bozulmalary arkaly atmosfera ygallarynyň hasabyna bolup geçýär.

Bu akymlar ýitgileriň hasabyna döreýän teýgum suwlar bolup, Amyderýanyň, Murgabyň, Tejen derýasynyň we Köpetdagyň derýajyklarynyň (Çendir, Arçabil, Altyýap, Sekizýap we başgalar) jülgeleriniň meýdanlarydyr. Daşoguz jülgesiniň we Garagum derýasynyň uzaboýunyň akabaýaka linzalarynyň meýdanlary, Köpetdagyň dagetek düzlügi we Balkanyň günorta ýapgydy döreýşi boýunça meňzeş bolup, gorlar ýerasty akymlaryň hasabyna düýpli gatlaklar tarapyndan, Garagum derýasynyň suwaryş ulgamynyň süzülip geçme ýitgileriniň esasynda döreýärler.

Döreýşi boýunça galyndy suwlardan durýan, Türkmenistanyň ösen çöllük meýdanlarynda ýaýran linzasynyň meýdany boýunça tapawutly görnüşdäki (Balguýy, Gündogar-Üňüz aňyrsy, Bathyz, Garabil, Repetek, Jyllygum, Ýasga, Çilmämmetgum) ýerasty süýji suw toplanmalary aýratyn üns berilmäge mynasypdyr. Her welaýat boýunça has iri ýerasty süýji suw ýataklary boýunça döredilen suwly gatlaklaryň üç ölçegli statik şekiline görä ol gorlaryň göwrümine anyk häsiýetnama we baha berildi.

Türkmenistanda bar bolan suw üpjünçiliginiň seljermeleriniň görkezişi ýaly, ýerasty süýji suwlary tygşytly ulanmak bilen baglanyşykly meseleleri çözmekde we gowulandyrmakda ähli mümkinçilikler bar. Häzirki wagtda ýerasty süýji suwlar Türkmenistanyň ilatyny hojalyk-agyz suw, önümçilik-tehniki we suwaryş ulgamlarynyň suw üpjünçiliginde ulanmakda möhüm ähmiýete eýe bolup durýar.

Ilatyň agyz suw üpjünçiligi döwlet we sebitleýin maksatnamalary durmuşa geçirmegiň hasabyna amala aşyrylýar. Raýatlary hil taýdan kesgitlenen, agyz suw üpjünçiliginiň kadalaryna gabat gelýän suw bilen üpjün etmek döwlet tarapyndan kepillendirilýär. Türkmenistanyň «Agyz suwy hakyndaky» Kanunynda bellenilişi ýaly, agyz suw – öz hili boýunça adamzadyň hojalygynda ulanylýan ýa-da iýmit önümlerini öndürmek üçin niýetlenen, talapnama kadalaryna gabat gelýän, tebigy ýa-da gaýtadan işlenilen (arassalanan, zyýansyzlandyrylan, ýetmedik maddalary goşulan) ýagdaýynda ulanylýar.

Bütin dünýädäki ýaly, biziň ýurdymyzda hem daşky gurşawy goramak meselelerine we ekologik abadançylyga aýratyn gyzyklanma bildirilýär. Bu mesele Türkmenistanyň hormatly Prezidentiniň üns merkezinde durýar.

Türkmenistanyň Suw kodeksine we «Agyz suwy hakyndaky» Kanunyna laýyklykda, döwlet we hususy önümçiligiň ösüş şertinde, ilatyň maddy hal-ýagdaýynyň ösmegi we suwy köptaraply peýdalanylyşynyň artmaklygy bilen, suw gençlerini ylmy taýdan esaslandyrylan, has netijeli düzgünler boýunça rejeli peýdalanmagy we olary hapalanmadan we azalmadan goramaklygy işläp düzmeklik we berjaý etmeklik hökmandyr. Dünýä suwlarynyň gorlarynyň köp bölegi derýalarda we köllerde däl-de, ýeriň astynda ýerleşýär.

Ýerasty suwlaryň esasylarynyň biri teýgum suwlardyr. Ýerasty çeşmelerden suw almaklyk taslananda, meýdançanyň suw deňagramlylygyny üýtgedip biläýjek, teýgum suwlarynyň himiki düzüminiň, derejesiniň, duzlulygynyň üýtgeşmelerine esaslanýan çaklamalar möhüm ähmiýete eýedir.

Ýerasty suwlary rejeli peýdalanmak we olaryň goragy daşky tebigy gurşawy goramaklygyň esasy düzüm bölegi bolmak bilen, ol birnäçe çäreleriň toplumyndan (tehnologik, biotehnik, ykdysadyýet, dolandyryş, hukuk, halkara, aň-bilim ýaýratmak) ybaratdyr. Ol çäreler gençleri rejeli peýdalanmaklyga, olary goramaklyga, azalmagynyň öňüni almaklyga, tebigy özara baglanyşygy dikeltmäge, gurşawyň arasyndaky deňagramlylygy saklamaklyga gönükdirilendir.

Käbir sebitlerde agyz suw üpjünçiliginde ýerasty suwlar ýeke-täk çeşme bolup durýar. Olar iri şäherler we senagat merkezleri üçin arassa agyz suw çeşmesi hökmünde möhüm ähmiýete eýedir.

*Irina BAÝRAMOWA,*
*«Türkmengaz» döwlet konserniniň*
*Nebit we gaz institutynyň direktory*








**WATER SUPPLY ORGANIZATION POSSIBILITIES**

The article deals with the water supply organization possibilities in Turkmenistan, in particular, by making the rational use of underground sweet waters. The forthcoming priority steps should be taken in the National Reforms Program's framework till 2020 in a context of choosing the new water supply sources. With this end in view, a three-dimensional static scheme of the largest underground sweet water layers in every region has been made to describe precise hydrological characteristics of these water reserves and assess their volumes. The author thinks that a digital permanent hydro-geological scheme of underground water reserves will make it possible to monitor their rational use. In case of ecological disturbance, underground water deposits play an important role as the source of pure potable water supply to the big cities and industrial centers, due to their natural protection from surface contamination.

**ВОЗМОЖНОСТИ ОРГАНИЗАЦИИ ВОДООБЕСПЕЧЕНИЯ**

Статья посвящена возможностям организации водоснабжения в Туркменистане, в частности, за счет рационального использования подземных пресных вод. Предстоящие в рамках реализации Национальной преобразовательной программы на период до 2020 года задачи первостепенной важности необходимо решать в контексте выбора новых источников водообеспечения. С этой целью на основе составленной трехмерной статической схемы водных пластов наиболее крупных месторождений подземных пресных вод каждого региона даны точные гидрологические характеристики этих запасов и оценки их объемов. По мнению автора, с помощью цифровой, постоянно действующей гидрогеологической схемы месторождений подземных вод можно будет обеспечить мониторинг их рационального использования. В случае нарушения в природе экологического баланса, по причине своей природной защищенности от поверхностных загрязнений подземные водные ресурсы играют важную роль как источник чистой питьевой воды для крупных городов и промышленных центров.

# «GADYMY MERW» SYÝAHATÇYLYK TOPLUMY

«Gadymy Merw» Döwlet taryhy-medeni goraghanasynyň çäginde biziň eýýamymyzdan ozalky I müňýyllykdan başlap, XVIII asyra çenli bolan dürli döwürlerde gülläp ösen birnäçe şäherler ýerleşýär. Taryhy ýadygärlikleriň sany boýunça Gadymy Merw Türkmenistanyň çägindäki iň iri arheologiýa toplumy bolup durýar. 1999-njy ýylda ol ÝUNESKO-nyň Bütindünýä mirasynyň sanawyna girizildi. Munuň özi, bu ýerde syýahatçylara we arheologlara hyzmat etmek üçin zerur şertleriň döredilmegini talap edýär. Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow 2011-nji ýylyň güýzünde bu ýerde bolanynda, bu meseläniň örän ähmiýetlidigini belledi. Milli Liderimiziň maslahatlaryna laýyklykda, Moskwanyň binagärlik institutynyň aspiranty Jennet Baýramowa gürrüňi edilјek taslamany işläp taýýarlady. Bu taslama Gadymy Merwiň golaýyndaky goralýan zolakda köpugurly toplumy işläp taýýarlamak we jikme-jik taslamak üçin esas bolar.

Täze gurluşyk desgasy Soltan Sanjaryň aramgähi, Uly we Kiçi Gyrzgalalar, Soltangalanyň we beýleki ýadygärlikleriň gala diwarlary bolan sähranyň ajaýyp görnüşini täze keşbe eýe etmelidir. Toplumyň beýikligi iki gatdan ýokary bolmaly däldir. Taslamanyň baş maksady – taryhy görnüşine zeper ýetirmän, binagärligiň tebigat bilen sazlaşygyny üpjün etmek, XXI asyryň binagärlik derejesine hem-de häzirki zamanyň iň täze gurluşyk materiallaryna we konstruksiýalaryna laýyk getirip, tutumly-meýilnamalaşdyryş çözgüdini teklip etmek bolup durýar.

Taslanýan toplumda, restorany we kafesi bolan myhmanhana, arheologiýa muzeýi we «Ussalaryň şäheri» bolar. «Şäherde» dürli ugra degişli önümler satylga çykarylar. Myhmanhana taslamanyň esasy desgasy bolmalydyr. Toplumyň meýilnamalaşdyryş çözgüdi boýunça, bütin giňişlik halynyň şekilinde gurnalandyr.

Myhmanhananyň otaglary içki howlulary bolan bloklarda ýerleşdirilen. Munuň özi, Türkmenistanyň yssy howa şertlerinde amatly içki mikroklimaty üpjün etmäge mümkinçilik berer. Toplumyň ýanaşyk ýerlerinde gök we suwly zolaklaryň bolmagy şeýle mikroklimaty döretmäge ýardam eder. Myhmanhananyň öň tarapy simmetrik bolup, uly sütün onuň girelgesini alamatlandyrar. Sütüniň iki tarapyndaky girelgeleriň biri restorana, beýlekisi bolsa, maslahatlar zalyna barmaga mümkinçilik berer. Binanyň daşky görnüşiniň burçlarynda penjireler oturdylar. Onuň gatlarynyň gurluşy gala diwarlaryny ýada salar.

Binanyň içki howlusynyň bezeginde aýna has-da köp ulanylar. Myhmanhananyň otaglarynyň uly penjireleri gök zolaga we suwa syn etmäge mümkinçilik berer.

«Ussalaryň şäheri» bassyrma bilen gadymy gündogar bazaryny ýadyňa salýar. Onuň öň tarapynyň bezegi hem edil myhmanhananyňky ýaly bolar. Onuň merkezinde amfiteatr bolup, ol ýerde oturdylan monitorda dürli görnüşli önümleriň taýýarlanylyşy görkeziler. Binanyň ýerasty gatynda uly bolmadyk söwda merkezi ýerleşer. Her bir ussanyň otagy şeýle görnüşde bolar: birinji gatda içki howludan dükana girelge geçer. Ol ýerde ussa öz önümlerini ýasar we satar. Daşky girelgeden girenler eýwanyň üsti bilen aşhana düşerler. Bassyrmanyň aşagyndaky açyk basgançak eýwanyň üsti bilen ikinji gatyň ýatyş otaglaryna elter.

Muzeý toplumyň merkezi bölegini emele getirer. Bu desga dörde bölünip, merkezi meýdançanyň töwereginde ýerleşer. Olar öz aralarynda ýerasty gat arkaly, şeýle hem, ikinji gatdaky eýwan arkaly birigerler. Ýerasty gat binalara geçilýän ugur bolup hyzmat eder. Şeýle hem, muzeýe meýdançanyň dört tarapynda ýerleşdirilen girelge arkaly düşüp bolýar. Mundan başga-da, muzeýiň sergi zallarynda arheologiýa serişdeleri üçin desgalar göz öňünde tutular.

Topluma gelýän myhmanlar daşy aýmançaly esasy seýilgähiň ýanynda saklanyp, onuň merkezi meýdançasyna geçip bilerler. Seýilgähiň çetinde ýapyk awtoduralga bolar. Binanyň ähli ambarlary ýerleşýän ýerasty gatyna muzeý toplumy arkaly düşüp bolar. Taslamanyň awtory – binagär Jennet Baýramowa (Moskwanyň Binagärlik instituty).

## «ANCIENT MERV» TOURIST COMPLEX

There are a number of ancient settlements in the State Historical and Cultural Park «Ancient Merv» which flourished during different epochs beginning from the I millennium BC to the XVIII century. By the number of historical monuments Ancient Merv is the most remarkable archaeological site in Turkmenistan. In 1999 it was designated by UNESCO as World Heritage Site. All these factors require the appropriate infrastructure there to serve tourists and archeologists. The presented by Jennet Bairamova draft design (Moscow Architectural Institute) can become in the future a basis for the further development and detailed designing of a multi-functional complex in and around a protected landscape near Ancient Merv.

## ТУРИСТИЧЕСКИЙ КОМПЛЕКС «ДРЕВНИЙ МЕРВ»

На территории Государственного историко-культурного заповедника «Древний Мерв» находится ряд городищ, процветавших в разные эпохи начиная с I тысячелетия до н.э. и заканчивая XVIII веком. По числу исторических памятников Древний Мерв является самым значительным археологическим парком на территории Туркменистана, а с 1999 года он входит в Список Всемирного наследия ЮНЕСКО. Все эти факторы требуют организации здесь необходимой инфраструктуры для обслуживания туристов и археологов. Представленный здесь эскизный проект Дженнет Байрамовой (Московский архитектурный институт) в будущем может стать основой для дальнейшей разработки и детального проектирования многофункционального комплекса в зоне охраняемого ландшафта близ Древнего Мерва.






«Gadymy Merw»
syýahatçylyk toplumynyň
ýerleşiş çyzgysy
TASLAMA
TASLAMA

# GURLUŞYK ULGAMYNDA HIL BOÝUNÇA TÄZE TAPGYRA GEÇMEGIŇ ÝOLLARYNDA

Döwlet Baştutanymyzyň ýolbaşçylygynda ilatyň ýaşaýyş-durmuş derejesini ýokarlandyrmak maksady bilen, «Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etraplardaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini düýpli özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin rejelenen görnüşindäki Milli maksatnamasynyň» üstünlikli amala aşyrylmagy netijesinde Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwrüniň talabyna laýyk gelýän döwrebap iri şäherçeler, ähli amatlyklary bolan täze ýaşaýyş jaýlary, häzirki zaman, döwrebap bilim we medeniýet edaralary, sport toplumlary, ylmy-tehniki ösüşiň iň täze gazananlary bilen enjamlaşdyrylan saglygy goraýyş edaralary hem-de durmuş maksatly dürli görnüşli desgalar yzygiderli gurulýar. Hormatly Prezidentimiz eziz Diýarymyzda diňe bir iri we ähmiýetli gurluşyk taslamalaryny öňe sürmek bilen çäklenmän, eýsem, olaryň durmuşa geçirilmegi, binalaryň bezeg işleri, milli binagärlik keşbi, tehniki üpjünçiligi, desgalaryň öz wagtynda gurlup, ýokary hil derejede ulanylmaga berilmegi barada uly aladalary edýär.

Häzirki döwürde ýurdumyzda düýpli gurluşyk ulgamynyň öşüşi hil boýunça täze tapgyra geçmek bilen ösüşleri gazanýar we ýokary depginli ösüşiň netijesinde, belent binalaryň gözel toplumlary döreýär.

Ýurdumyzyň gurluşyk pudagyny ösdürmek hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň hemişelik aladalary bilen gurşalandyr. Hormatly Prezidentimiz Ministrler Kabinetiniň 2009-njy ýylyň 12-nji iýunynda geçiren mejlisinde hem ýurdumyzyň gurluşyk pudagynda amala aşyrmaly wezipelerimiz barada durup geçdi. Mejlisde seýsmologiýany, şäher gurluşygyny we binägärligi ösdürmek meselesi aýratyn nygtalyp geçildi.

Dünýä tejribesinde desgalaryň we jaýlaryň binýatlarynyň çökmeleri birnäçe usullar bilen hasaplanylýar. Olardan iň esasylary şu aşakdaky usullardyr:

1) Gatlaklaýyn hasaplap, jemleme usuly;
2) Ekwiwalent gatlak usuly;
3) Çäkli gysylýan gatlak usuly.

Biziň ýurdumyzda tassyklanan gurluşyk kadasynda teýkaryň çökmesi teýkary çyzykly ýarsýan giňişlik hökmünde kabul edip, gatlaklaýyn hasaplap, jemleme usulynda aşakdaky ýaly formula bilen hasaplamak hödürlenilýär:

$$S=\beta\sum_{i=1}^{n}\frac{\sigma_{zp,i}h_i}{E_i} \quad (5)$$

Bu ýerde: β-ölçegsiz koeffisiýent, 0.8-e deň;

1 gatlakda goşmaça dikligine basyşyň ortaça bahasy;

hi we Ei-teýgumuň i-nji gatlagynyň galyňlygy we ýarsma moduly;

n-teýkaryň gysylýan gatlagynyň bölünen bölekleriniň sany.

Şu usuldan peýdalanyp, teýkarda işjeň gysylýan gatlagyň galyňlygyny seýsmiki täsiri peseldiji «teýgum düşekçesiniň» galyňlygyna deň bolýan ýagdaýdaky binýatasty basyşlar getirilip çykarylýar. Ýerine ýetirilmeli hasaplamalarda şu aşakdakylara esaslanylýar.

1. Teýkarda gysylýan gatlagyň Hs aşaky çägini-hödürlenen emeli «teýgum düşekçesiniň» aşaky çäginiň derejesine deň bolýar diýip kabul edilýär. (Bu ýerde kiçi basyşlarda çökmäni hasaplamakda dikligine basyşyň täsir çuňlugy ýerine ýetirilýän emeli teýkarlaryň galyňlygynyň derejesinden känbir ösmeýär diýen pikir ýöretmä esaslanylýar.)

2. TGK 2.02.01-98 «Jaýlaryň we desgalaryň düýbi» gurluşyk kadasynyň 2-nji hökmany goşundysynyň 6-njy punktyna laýyklykda, gysylýan gatlagyň aşaky çägini kesgitlemegiň $\sigma_{zp}$=0.2 $\sigma_{zg}$ şertine esaslanyp, gysylýan gatlagyň aşaky çägindäki we binýadyň dabanynydaky dikligine başyşyň ortaça bahasy çalt we birwagtlaýyn tapylýar.

«Teýgum düşekçesiniň» we emeli gaýtadan işlenen ýerli teýgumlaryň işjeň gysylýan gatlagy kanagatlandyrýan dürli galyňlyklary üçin hasaplamalaryň netijeleri tablisalarda görkezilýär.

Alnan hasaplamalarda şu aşakdaky netijelere gelmek bolýar:

Ýerine ýetirilen hasaplamalaryň jemlenen №1, №2 tablisalaryny berlen kiçi basyşlarda emeli teýkarda ýüze çykyp biljek çökmäni anyklamakda salgylanma hökmünde ulanyp bolar.

Jaýlara we desgalara seýsmiki täsirini peseltmek maksady bilen ýerine ýetirilýän emeli «teýgum





**Tablisa №1**

| Hasaplanan parametrler | Teýkardaky teýgum düşekçesiniň galyňlygy, m | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| d=1m, binýadyň çuňlugy | 0.8 | 1.0 | 1.2 | 1.4 | 1.6 | 1.8 | 2.0 |
| $\delta_{zpo}$, t/m² | 1.06 | 1.40 | 1.80 | 2.25 | 2.76 | 3.33 | 3.95 |
| $P_0$, t/m² | 2.71 | 3.05 | 3.45 | 3.90 | 4.41 | 4.98 | 5.60 |
| $S_{çökme}$,mm | 0.09 | 0.13 | 0.19 | 0.26 | 0.34 | 0.44 | 0.55 |

**Tablisa №2**

| Hasaplanan parametrler | Emeli teýkardaky düşekçesiniň we emeli gaýtadan işlenen (50% çäge-çagyl garyndysy we 50% gaýtadan işlenen) gury ýagdaýdaky dykyzlygy bolan teýgumyň galyňlygy, m | | | |
|---|---|---|---|---|
| Teýgum düşekçesiniň galyňlygy 0.8m bolanda | 0.8 +1.0 | 0.8 +1.2 | 0.8 +1.4 | 0.8 +1.6 |
| $\delta_{zpo}$, t/m² | 3.16 | 3.73 | 4.36 | 5.02 |
| $P_0$, t/m² | 4.81 | 5.38 | 6.00 | 6.67 |
| $S_{çökme}$,mm | 0.50 | 0.61 | 0.75 | 0.90 |
| Teýgum düşekçesiniň galyňlygy 1.0m bolanda | 1.0 +1.0 | 1.0 +1.2 | 1.0 +1.4 | 1.0 +1.6 |
| $\delta_{zpo}$, t/m² | 3.77 | 4.08 | 5.07 | 5.79 |
| $P_0$, t/m² | 5.42 | 5.73 | 6.72 | 7.44 |
| $S_{çökme}$,mm | 0.72 | 0.83 | 0.92 | 1.22 |
| Teýgum düşekçesiniň galyňlygy 1.2m bolanda | 1.2 +1.0 | 1.2 +1.2 | 1.2 +1.4 | 1.2 +1.6 |
| $\delta_{zpo}$, t/m² | 4.44 | 5.11 | 5.84 | 6.60 |
| $P_0$, t/m² | 6.09 | 6.76 | 7.49 | 8.25 |
| $S_{çökme}$,mm | 0.94 | 1.14 | 1.25 | 1.44 |

düşekçesiniň» galyňlygy uly bolmadyk basyşlarda gysylýan gatlagyň galyňlygyny kanagatlandyryp bilýär.

Berlen basyşlar üçin hasaplanyp çykarylan teýkaryň çökmeleriniň bahalaryny Türkmenistanyň gurluşyk kadasynda hödürlenilýän ýolbererlik baha bilen deňeşdirilende, ujypsyz azlygyna göz ýetirmek bolýar.

Bu deňeşdirme emeli «teýgum düşekçäniň» diňe bir seýsmiki tarapdan däl-de, jaýlaryň we desgalaryň çökmegini azaltmakda hem örän uly ahmiýetiniň bardygyny görkezýär.

Berlen basyşlarda çökmäni hasaplamaklyk hatda ýerasty suwlaryň derejesi emeli teýkaryň dabanyna çenli galan ýagdaýyna çenli kepillendirilýär.

Ýokarda hasaplamalaryň jemlenen tablisasyna esaslanyp, kiçi basyşlarda binýatlaryň çökmelerini hasaplamaklyk Türkmenistanyň gurluşyk kadasy boýunça

islendik gurluşyk üçin hökmany ýerine ýetirilmeli goşunda girýän hem bolsa, kiçi basyşlary döredýän jaýlar we desgalar üçin hökman däldigine göz ýetirmek bolýar. Mysal üçin, birgatly jaýlar, transformator beketleri,suw çüwdürimleri, basseýnler, dürli oba hojalyk desgalary we ş.m uly basyşlary döretmeýärler.

Bu desgalaryň we jaýlaryň gurluşygy üçin meýdançasynyň inžener-geologiki derňewlerinde teýgumlaryň berklik we ýarsma häsiýetlerini kesgitlemek, beýleki barlaghana işlerini we olaryň netijelerini jaýlaşykly rejeläp jemlemek işlerini geçirmekligiň zerurlygy ýok diýen netijä gelip bolýar.

Diýmek inžener-geologiki derňewlerde diňe 5 metr çuňluga çenli ýerasty suwlaryň derejesini bilmeklik galýar.

Bu ýagdaý gurluşyk işleriniň möhletini azaltmaga, maddy serişdeleri tygşytlamaga mümkinçilik berer.

*Laçyn AŞYROWA,*
*Türkmenistanyň Gurluşyk we binagärlik ministrliginiň Seýsmiki ýagdaýa durnukly gurluşyk ylmy-barlag institutynyň baş hünärmeni.*

**WAYS OF TRANSITION TO THE NEW LEVEL OF QUALITY IN THE BUILDING SECTOR**

The article covers the accumulated experience in application of the sandy gravel artificial foundations. Authors have offered the countdown method to foundation settlement, theoretically guaranteeing the fulfillment of technical requirements. Under the specified thickness of a «cushion», the foundation base pressure from possible external loads is determined. When using this method at a low pressure from buildings, a foundation «cushion» makes it possible to carry out construction work without the mandatory geological engineering surveys.

**ПУТИ ПЕРЕХОДА НА НОВЫЙ УРОВЕНЬ КАЧЕСТВА СТРОИТЕЛЬНОЙ ОТРАСЛИ**

В статье рассмотрен накопленный опыт по применению искусственных оснований из гравийно-песчаной смеси (ГПС). Авторами предложена методика от обратного отсчета осадок фундаментов, теоретически гарантированной выполнение условий норм требований. При заданной известной толщине «подушки» определяется давление по подошве фундамента от возможных внешних нагрузок. Использование этой методики при малых давлениях от сооружженний основание из «подушки» дает возможность вести строительство без обязательного выполнения инженерно-геологических изысканий.



**"Gujurly inžener"** hojalyk jemgyýeti
**"Gujurly inžener"** company
Хозяйственное общество **"Gujurly inžener"**

GUJURLY INŽENER

**Salgymyz:** Aşgabat şäheri,
Şor şäherçesi, 2142 köç., 42 jaý.

**Our address:** Ashgabat c.,
Shor settlement, 2142 str., 42.

**Наш адрес:** г. Ашхабад,
пос. Шор, ул. 2142, дом 42.

**Tel: 46-90-92; 46-90-93.**
**Fax: 46-99-00**
**E-mail: esgi.tm2014@gmail.com**









"Berkarar" söwda-dynç alyş merkezi
Shopping and entertainment center "Berkarar"
Торгово развлекательный центр "Беркарар"

# SUWADOÝGUN TEÝGUMLARYŇ SEÝSMIKI HÄSIÝETLERINIŇ DINAMIKASY



Türkmenistanyň çäginiň seýsmiki künjekler kartasynda Aşgabat şäheri 9 ball derejesi bolan seýsmiki zolaga degişlidir. Şunlukda, şäherleriň we ilatyň goraglylygyny, tebigy betbagtçylyklara garşy durmagyny üpjün etmäge ukyply seýsmiki durnukly gurluşyk amala aşyrylanda şu ýaýdaý göz öňünde tutulýar.

Topragyň fiziki-mehaniki we seýsmiki ölçegleriniň öwrenilmeginiň netijesi ýertitremäniň seýsmiki netijesiniň üýtgemegine topragyň dykyzlygynyň we çyglylygynyň täsiriniň bardygyny ýüze çykardy. Bu ýagdaýda, gaty, gurak toprak ýerasty urgynyň güýjüni peseldýär. Emma, suwa doýgun teýgumlary titremäniň yzygiderliligini ýokarlandyrýar. Munuň özi, seýsmiki taýdan kiçi raýonlaşdyrmak işleriniň esasyny emele getirýär.

Topragyň geologiýa-litologiýa bilen gidrogeologiýa ýagdaýynyň üýtgemeginiň bitewüligi olaryň ösüşinde toprakda bir we ondan ýokary bala çenli bolan deňeçerlige baha bermäge mümkinçilik döredýär. Häzirki döwürde seýsmiki mikroraýonlandyrylan täze çaklama kartasyny düzmek bilen baglanyşykly gaýtadan barlaglary geçirmek zerurlygy ýüze çykýar. Bu işde binalaryň we desgalaryň seýsmiki howpsuzlygyny üpjün etmek boýunça teklipleri taýýarlamak möhüm ähmiýete eýe bolup durýar.

1948-nji ýylda bolan ýertitreme zerarly weýran bolan Aşgabat täzeden dikeldildi we gurluşyk hem-de ösüş işleri yzygiderli alnyp baryldy. Gurluşyk-gurnama işleri bilen bir hatarda, paýtagtymyzyň töweregindäki ýerleri hojalyk taýdan özleşdirmek işleri ýola goýuldy. Şol döwürde Amyderýanyň suwunyň Garagum derýasy arkaly günbatara tarap geçirilmegi suwarymly ýerleriň mukdaryny artdyrdy. Şol bir wagtyň özünde işjeň ýagdaýda alnyp barylýan suw hojalyk çäreleri tebigy ýagdaýyň düýpli özgermegine alyp bardy. Eýýäm 1967-nji ýyla çenli bolan döwürde demir ýoluň demirgazyk künjeklerinde suw almak ýagdaýy emele geldi we drenaž ulgamyny taslamalaşdyrmak we gurmak zerurlygy ýüze çykdy. 1972-1975-nji ýyllarda dik drenaž görnüşli guýularyň gurluşygy amala aşyryldy. Munuň özi suwuň derejesiniň has çuň ýerleşen çäklerinde ýeke-täk kabul ederlikli usul hasaplanylýar. Ulanmaga berilýän guýular köp ýa-da az derejede işledilýär.

Munuň özi birnäçe ýagdaýlar bilen şertlendirilendir. Derýadan alynýan suwuň möçberleriniň ýokarlanmagy bilen suw üpjünçiligine, suwaryş ulgamyna we tehniki zerurlyga berilýän suwuň möçberi azaldy. Suw saklaýjy ulgamyň we guýularyň işiniň pes ýagdaýda ýerine ýetirilmegi bilen ýerasty suwlaryň sazlaşygy bozuldy, oňa gelýän suwuň möçberi azaldy. Mundan başga-da, ýeriň gurluşyna täsiri artdy (1-nji surat). Dagdan Garagumuň peslik-lerine tarap hereket edýän suwuň çagyl galyndylary çäge, palçyk garyndylary toýunlar bilen çalşyrylyp, degişlilikde suwuň geçijilik ukyby peseldi. Şeýlelikde, ýerasty suwlaryň süzgüç ulgamlarynyň artmagy netijesinde onuň çykýan akymynda suwa doýgun topragyň dykyzlygy emele gelip, ýerasty suwlaryň derejesi ýokarlanýar.

Çägiň suw basmagy netijesinde gidrogeologiýa ýagdaýynyň üýtgeýiş derejesi hakynda köp sanly barlagçylar ýazýarlar [1,2,3,4]. Toprak suwlarynyň durnuklaşdyrylmagy we onuň derejesiniň ýokarlanmagy babatda dik drenažlaryň hereket ediş önümçiligini ýokarlandyrmak we täzelerini taslamalaşdyrmak, onuň nobatdaky tapgyryny gurmak boýunça möhüm çäreleri işläp taýýarlamak teklip edilýär. Şähere suwaryş maksady bilen berilýän suwuň möçberlerinde drenaž ulgamynyň netijeliligini bir bitewi ulgama jemlemeli.

Gurluşygyň we suwarymly ýerleriň çäginiň giňeldilmegi ýokarda görkezilen meýilleriň saklanmagyny şertlendirýär. Häzirki döwürde drenaž guýularynyň sany 200-den geçdi. Suwuň ýokary galyş depgini ýylda 1,5-2 metre barabardyr. Bu bolsa seýsmiki gidrogeologiýa şertlerinde ýertitremäniň öňüni almakda möhüm işleri geçirmegi şertlendirýär. (2-nji surat) Çägeli we ýarym çägeli, toýunsow gatlaklarda ýerasty suwlary durnuklaşdyrmak, onuň derejesini sazlamak işi seýsmiki netijä 10-12 metr çuňlukda täsir edip başlaýar. Ýerasty suwlaryň ýokary derejä ýakynlaşmagy bilen seýsmiki titremeleriň yzygiderliligi ýokarlanýar [4,5].






**1-nji surat.** Türkmenistanyň geomorfoloiýa kartasy.



Özboluşly düzümi we ýörite aýratynlygy bolan desgalaryň binýadyndaky toprak gumlary seýsmiki täsiriň netijesinde öz yzyny goýup bilýär. Topragyň öz aýratynlygy, onuň seýsmiki aýratynlyklary suw basyş ýagdaýynda topragyň çyglylygynda düýpli özgerýär. Deşikli gatlaklaryň özboluşlylygy çyglylyk bilen baglanyşykly üýtgeýändigi gadymy döwürlerden bäri bellidir. Şeýle ýagdaýyň Köpetdagyň etegindäki giňişlikde ýüze çykýandygyny barlagçylar bellediler [3]. Bu ýerde topragyň pesgidrofirliligi gaty derejeden çeýe we akýan derejä geçýän çyglylygyň inçejik ugry görünýär.

Çyglylygyň üýtgemegi bilen topragyň berkligi peselýär, olaryň sazlaşygy ýitýär. Topragyň berk we zaýalanan aýratynlyklary bilen seýsmiki häsiýetnamanyň özara baglanyşygyny barlagçylar subut etdi. Türkmenistanyň çägindäki bu ýagdaýlar ýüze çykaryldy, ol (Kriger we beýlekiler, 1980) melemtil we melemtil topraklaryň çyglanmagy göni we gytaklaýyn geçýän seýsmiki tolkunlaryň ýaýraýyş tizliginiň titremäniň peseliş derejesiniň we gatlagyň elektrik geçirijiliginiň bir wagtda peselmegini şertlendirýär.

Şeýle ýagdaýyň sebäbi sementli materiala öl degmeginden, duzlaryň garyşyp, soňlugy bilen berkligiň peselmegine, olaryň dykyzlygynyň we öýjükliginiň zaýalanmagyna getirýär. Çeýe tolkunlaryň peselmegi howada köpürjikleriň, ýerasty suwlaryň derejesiniň ýokarlanmagy we bu şertleriň gaýtalanmagy bilen düşündirilýär. Suw basan halatynda ýerasty suwlaryň emele gelýän derejesi R-tolkunlar üçin çäklendiriji däldir. Munuň özi eýrasty suwlaryň tebigy ýagdaýda ýokary galmagynda emele gelýär we seýsmiki gözlegiň ýerüsti serişdelerinde bellige alynmaýar.

Berkligiň peselmegi olaryň dinamiki durnuksyzlygyny emele getirýär. Synaglardan görnüşi ýaly, ýokary öýjükli (öýjüklilik derejesi e>1.0) suwa doýgun melemtil topraklar titremeden soň dykyzlanýarlar. Ýöne e=0,75 öýjükli derejede daşlaşma bolup geçmeýär. Suw bölünmegi bilen topragyň dykyzlygy rahatlyk bilen arasy bölünýän gysga wagtlaýyn titremede duýulýar. Titremäniň dowamlylygy galanda, dykyzlyk we suw bölünme derejesi ýokarlanmaýar. Melemtil toprak üçin titremeler onuň düzümine we mehaniki berkligiň ýokarlanmagyna az täsir edýär.

Güýçli ýertitremelere sezewar bolan çäkleriň barlaglary melemtil topraklaryň giňelýändigini ýüze çykardy. Esasy desgalaryň zaýalanmagy we onuň bilen baglanyşykly weýrançylyklar şol çäkde hasaba alyndy. Şeýle ýagdaýda 1887-1911-nji ýyllarda Almatyda, 1902-nji ýylda Andižanda, 1948-nji ýylda Aşgabatda, 1976-1984-nji ýyllarda Gazli şäherçesinde, 1988-nji ýylda Spitakda güýçli ýertitremeler boldy. Şeýle ýagdaýlaryň möçberleri, olaryň ýetiren zyýanynyň mukdary we bu meseläni çözmegiň derwaýyslygy barada ýapon barlagçylary Y.Ýoshiminiň, we K.Tokamasunyň [7] we seýsmologlar G.Işanguly-ýewiň, L.A.Kuznesowanyň we E.Esenowyň işlerinde beýan edilýär [2].

Binalaryň jaýrylma ýagdaýy suw we lagym ulgamynyň bozulmagy, ýerasty suwlaryň umumy ýokary galmagy, köpsanly binalara ýakyn ýerleşýän gök zolak-

laryň suwarylmagy, geçýän ulaglar zerarly seýsmiki titremeleriň bolup geçmegi netijesinde emele gelýär. Şeýle ýagdaý desgalar köp ýyllap (10-20 ýyl) ulanylandan soň emele gelip başlaýar. Ýerasty suwlaryň ýokary galmagy topragyň gowşamagyna getirýär. Ürpük we ownujak dänesi bolan çägeler geçýän, melemtil, çägesow topragyň suwa doýgun topragyň akýan görnüşine geçmegini şertlendirýär. Binalaryň we desgalaryň agramy netijesinde topragyň we onuň bilen baglanyşykly çökündileriň berkemegi bolup geçýär. Inženerçilik-biologiýa ýagdaýlarynyň we onuň bilen baglanyşykly işeriň alnyp barylýan çäginde, esasan Aşgabadyň köneki binalaryna we desgalaryna ýaramaz täsir edýär.

Topragyň duzlaşmagy we şoruň emele gelmegi şäheriň Garagum derýasyna birigýän demirgazyk künjegi üçin has-da häsiýetlidir. Munuň özi ýerasty suwlaryň gatlagynyň ýeriň üstki gatlagyna golaý ýerleşýändigi, olaryň akymynyň we yzygiderli buga öwrülmeginiň pesdigi zerarly emele gelýär. Şor suwlaryň buga öwrülmegi ýerasty suwlaryň galmagyny we olaryň kapilýar turbalar arkaly ýokary çykyp, şoruň döremegini emele getirýär. Duzuň binalaryň diwarlaryna ornaşmagy onuň aşaky gatynyň suwaglarynyň gaçmagyna getirýär we ol çüýrän görnüşde, ak reňkli dökülip duran serişdelere öwrülýär. Onuň töwreginde bolsa ownujak jaýryklar bilen 0,5 santimetre çenli kuwwaty bolan duzlaryň hereketi başlanýar. Munuň özi jaýyň gyssagly abatlanmagyna itergi berýär. Şu aýdylanlardan görnüşi ýaly, seýsmiki işjeň zolakda suw basýan çäkleriň artmagy 0,5-2 möçberdäki ýertitreme howpunyň artmagyny şertlendirýär. Şeýle howpuň öňüni almak we ony aradan aýyrmak diňe ýerasty suwlaryň emeli ýol bilen peseldilmeginde mümkindir. Binalaryň we desgalaryň gurlan çäklerinde dik guýulary gazmak arkaly howpuň derejesini peseltmek mümkinçiligi bardyr. Şunuň ýaly işler Aşgabatda 30 ýyldan gowrak wagt bäri dowam edýär. Bu işler «Türkmengeologiýa» döwlet konserniniň hünärmenlerine ýerasty suwlaryň ýokary galmak derejesiniň öňüni almak babatda has möhüm işleri alyp barmaga borçly edýär.

Dik drenažlaryň geçirilmeginiň täsiri toprak gatlaklarynyň guraýyş çärelerine topragyň aýratynlyklaryna gaýtadan seretmek zerurlygynyň ýüze çykýandygyny äşgär edýär. Çyglylygyň peseldilmegi düzümleýin we suw geçiriji gatnaşyklaryň dikeldilmegini, topragyň berkliginiň ýokarlanmagyny, olaryň näsazlygynyň peselmegini üpjün edýär.

Ýöne düzümleýin gatnaşyklaryň ýene bir tarapy bar. Ol hem suwa doýgunlyga çenli topragyň berkliginiň dikeldilmegi 5-10 ýyldan az bolmadyk döwri öz içine alýanlygydyr. Hut şonuň üçin-de, ýerasty suwlaryň ilkibaşky ýagdaýyna gelmegini üpjün edýän guýularyň işiniň bölünmegi topragyň guramak netijeliliginiň peselmegine getirýär. Zeýkeşleriň işleýiş ýagdaýynda ýerasty suwlaryň hereketiniň ugry we tizligi üýtgeýär, olaryň zarplyýgy başga ugra gönügýär. Bu bolsa suw ýerleşýän gatlaklarda bolşy ýaly, dürli garyndyly düzümli gatlaklaryň gatnaşygynda suffoziýanyň emele gelmegini we ösmegini şertlendirýär.

Umumy ýagdaýda çägesow-toýunsow topraklaryň suffoziýa durnuklylygy, olaryň garyndyly düzümi birnäçe ugurlar boýunça bölünmegini äşgär edýän gytak differensiýanyň gurulmagy arkaly beýan edilýär. Topragyň aýry-aýry toparlarynyň jaýrylmagy ýa-da ondaky düzümleriň düýpli özgermegi onuň mehaniki suffoziýa durnuksyzlygy hökmünde baha berilýär [5].

Köpetdagyň eteklerniň topraklaryna deslapky berlen bahalar bu ýerde suffoziýa ýagdaýynyň ösmek howpunyň bardygyny, onuň yzysüre topragyň öýjükleriniň zaýalanmak derejesiniň boljakdygyny alamatlandyrdy. Suffoziýa süzgüçleriň ýagaýynyň birden üýtgemegi, hususan-da, guýulary işletmek, olary saklamak we gaýtadan işlemek ýagdaýlary bilen düşündirilýär. Şeýlelikde, ýertitreme mahalynda dinamiki täsir hem bu ýagdaýyň ýüze çykmagyna getirýär. Umuman, suffoziýa-öýjük derejesiniň zaýalanmak ýagdaýynyň ösüşinde suwuň peselmeginiň suw basan çäklerdäki umumy ýaýdaýyň zaýalanmagyna getirýändigi bellidir.

Topragyň geologiýa-litologiýa bitewüliginde gidrogeologiýa ýagdaýyň üýtgemegi, topragyň ösüşinde onuň aýratynlyklarynyň emele gelmegi toprakda bir bala çenli we ondan ýokary derejäniň emele gelmegine göz ýetirmäge mümkinçilik berýär.

Häzirki döwürde seýsmiki kiçi etraplaryň täze çaklama kartasyny düzmek we binalaryň, desgalaryň seýsmiki howpsuzlygyny üpjün etmek boýunça teklipleri işläp taýýarlamak babatda gaýtadan barlaglaryň geçirilmegi zerur bolup durýar.




**2-nji surat.** Türkmenistanyň gidrogeologiýa kartasy.

Netijeler:

1. Suwa doýgun gatlaklaryň derejesiniň yzygiderli seýsmiki täsirlere bolan gatnaşygyna baha bermek maksady bilen, aýry-aýry geologiýa-litologiýa toplumlarynda suwuň peselmeginiň oňaýly ölçeglerini kesgitlemek babatda ýörite barlaglaryň zerurdygy tassyklandy.

2. WSH01-05 kadalaşdyryjynyň talaplaryna laýyklykda, Aşgabat şäheriniň täze çäklerinde seýsmiki kiçi etrapçalar boýunça çaklama kartasy üçin inženerçilik-geologiýa surata düşüriş işlerini we seýsmiki-geofiziik barlaglary amala aşyrmagyň zerurdygy äşgär edildi.

## Edebiýatlar

1. ***Akkaýew G, Watolin B, Faýnberg F, Esenow E.*** Aşgabat şäheriniň çägini suw basmak bilen baglanyşykly geologiýa ýagdaýlarynyň ösüşi. Maslahatyň materiallary. «Gurluşyk geçirilen çäkleriň ýerasty suw bilen basmak ýagdaýy (çaklama we goramak)» – Nowosibirisk, 1984.

2. ***Işangulyýew G, Kuznesowa L, Eseow E.*** Ýokary seýsmiki şertlerde topragyň suwuklanma ýagdaýyny öwrenmegiň derwaýyslygy. «Merkezi Aziýada ýertitremelerini çaklamak, seýsmiki howpa we töwekgelçilige baha bermek» atly ýedinji Gazagystan-Hytaý halkara simpoziumynyň materiallary. – Almaty, 2010.

3. ***Orazdurdyýew D.*** Köpetdagyň eteklerindäki toýunsow topraklaryň deşilmegine we dykyzlanmagyna çygyň täsiri hakynda // ylmy gollanmalar ýygyndysy: Garagum kanalynyň täsiri ýetýän zolagyndaky gidrogeologiýa-inžerençilik-geologiýa şertleriniň döremegi. – Aşgabat, 1987.

4. ***Puçkow S.*** Ýertitreme mahalynda seýsmiki titremäniň yzygiderliligine ýerasty suwlaryň derejesiniň täsiriniň hasabynyň metodikasy// TYA-nyň habarlary, FTH we GN tapgyry–1971, №4.

5. ***Faýnberg F, Esenow E.*** Türkmenistanda melemtil topraklar şertlerinde ýertitemäniň netijesinde dik drenažyň täsirini öwrenmek: «Geologiýa gurşawyny netijeli peýdalanmak bilen baglanyşykly inženerçilik-geologiýasynyň meseleleri. Maslahatdan materiallar. 4-nji mowzuk. «Şäher gurluşygyň inžerenerçilik-geologiýa meseleleri». – Leningrad,1976.

6. ***Hojaýew A, Esenow E.*** Seýsmiki aýratynlygy bolan topraklara gidrogeologiýa ýagdaýynyň täsirine baha bermek hakynda. Nebitgazgeologiýa ylmynyň meseleleri we «Türkmenistanyň ýangyç-energetika toplumynyň ösüşiniň geljegi». Halkara ylmy-önümçilik maslahatynyň materallary. – Aşgabat, 1996.

7. ***Ýoshimi Y, Tokamasu K.*** Send liguefaction and relatd demaže. Engineering Seysmology. – Tokion: Inst. Techn., 1982.

***Emil ESENOW,***
*Türkmenistanyň Gurluşyk we binagärlik ministrliginiň Seýsmiki ýagdaýa durnukly gurluşyk ylmy-barlag institutynyň baş ylmy işgäri, geologiýa-mineralogiýa ylymlarynyň doktory*

### DYNAMICS OF WATER-SATURATED GROUNDS' SEISMIC BEHAVIOR

Destroyed by the earthquake in 1948, Ashgabat has been rebuilt. New buildings are under construction at present. In addition to building and reconstruction operations, the land development is under way around the capital city. This has resulted in substantial environmental changes. The article focuses on the need for special researches to determine optimum water lowering parameters in separate geologic-lithological complexes in order to evaluate a minimum impact of water-saturated grounds on seismic load. The author arrives at a conclusion that in compliance with the BCH 01-05 standard's requirements engineering-geological surveys and seismic-geophysical investigations should be made in order to chart predictive seismic zoning maps of newly developed areas of Ashgabat.

### ДИНАМИКА СЕЙСМИЧЕСКИХ СВОЙСТВ ВОДОНАСЫЩЕННЫХ ГРУНТОВ

Разрушенный землетрясением в 1948 г., Ашхабад заново отстроен и продолжает строиться и развиваться. Одновременно с строительством и реконструкцией происходит хозяйственное освоение земель вокруг столицы, что повлекло за собой существенное изменение природной обстановки. В статье установлена необходимость постановки специальных исследований по определению оптимальных параметров водопонижения на отдельных геолого-литологических комплексах с целью оценки минимального влияния степени водонасыщенного пород на интенсивность сейсмического воздействия. Автор приходит к выводу, что в соответствии с требованиями норматива ВСН 01-05 необходимо осуществить инженерно-геологическую съемку и сейсмо-геофизические изыскания для разработки карты прогнозного сейсмического микрорайонирования вновь образованной территории Ашхабада.



YLYM

# YLMA GOŞANT




**M. Mämmedow. Dehistanyň binagärlik medeniýeti, – Aşgabat, 2014.**

Binagärlik – bu diňe binýadyň berkligi däl-de, eýsem, öz döwrüniň medeni-hojalyk, jemgyýetiň ruhy durmuşynyň durnuklylygynyň aýnasydyr. Berk binalaryň taryhy gymmaty wagtyň geçmegi bilen mese-mälim görünýär, ol geçmişiň ygtybarly şaýady bolup şuglasyny şu gün hem saçýar. Muňa gürrüňi ediljek täze kitap bilen tanyşylandan soň hem göz ýetirip bolar.

Golaýda okyjylara türkmen, iňlis we rus dillerinde ýazylan «Dehistanyň binagärlik medeniýeti» atly kitap gowuşdy. Onuň awtory öň okyjylara ugurdaş mazmunly birnäçe kitaplary ýetiren taryh ylymlarynyň kandidaty, arhitektor Muhammet Mämmedow.

Türkmeniň gahrymançylyky geçmişiniň howandary, hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow: **«Gözel Balkan welaýatynyň giň düzlüginde ýerleşýän «Gadymy Dehistan» döwlet taryhy-medeni goraghanasynyň orta asyrlarda özüniň milli binagärlik sungatynyň we arhitekturasynyň aýratynlyklary bilen jahana ýaň salan taryhy-medeni ýadygärlikleri bu gün dürli ýurtlaryň tanymal alymlarynyň, medeni-ruhy geçmişi öwrenijileriň, jahankeşdeleriň ünsüni barha özüne çekýän umumadamzat genji-hazynasyna öwrüldi»** – diýip jaýdar belleýär. Gürrüňi ediljek kitap bu aýdylanlaryň hakykatlygyna göz ýetirmäge doly mümkinçilik berýär.

Kitap üç bölümden ybarat. Onuň birinji bölümi Dehistan ülkesiniň geçmişine gysgaça syn bermeklige, ýer-ýurt atlarynyň döreýşine hem-de toponimiki adalgalaryň düşündirilişine bagyşlanan. Bu bölümde Dehistan taryhy sebitiniň müňýyllyklaryň dowamynda geçmişi-hojalyk pudaklary, suwaryş ulgamlarynyň ösüşi, goňşy çarwa we çomry taýpalarynyň özara gatnaşyklary, syýasy taryhyň yzygiderli ösüşi, bularyň ählisiniň ýerli binagärlik medeniyetine ýetiren täsiri yzarlanýar. Ol dürli döwürleriň awtorlarynyň işleriniň, halk arasyndaky rowaýatlaryň üsti bilen beýan edilýär. Şonuň bilen bir hatarda, kitapda birnäçe toponimiki atlara awtoryň öz garaýşy, çaklamalary berilýär.

Kitabyň ikinji bölümi «Maşat» diýlip atlandyrylypdyr. Onda sopularyň mesgeni bolan, il arasynda atlandyrylyşy ýaly Maşat ata ýadygärliginiň gurluşy barada giňişleýin durlup geçilýär. Bölümde Maşat atanyň yslam sungatynyň irki döwrüne degişli bolan mährabY, gelip çykyşy boýunça hatda zoroastrizm dininden öň ýüze çykan basgançakly tagçalar, olaryň ähmiýeti, binagärlik medeniýetindäki soňky özgermelere düşündirişler berilýär.

Awtor bütin Orta Aziýada bolşy ýaly, Dehistanda hem binagärlik meselesinde butparazlyk (buddizm) ybadathanalary bilen yslam dini, esasan hem din (kult) bilen bagly ymaratlardaky ewolýusion meňzeşlikleriň bardygyna ünsi çekýär. Onuň bu meseläni, aýratyn-da olaryň özara täsirlerini «has çuňňur öwrenmek geljekki alymlaryň işidir» diýip ýazmagy ylmy we döwrebap teklipdir. Toplumyň çäginde soňky geçirilen gazuw-agtaryş işleri netijesinde ol ýerde derwüşlere niýetlenen hanakanyň hem bolandygy anyklanandan soňra, awtor Maşat ata kümmet, metjit, metjit-kümmet hökmünde garalandygyny belläp geçýär.

«Maşat» bölüminde bäş sany kümmet barada aýratyn gürrüň berilýär. Kitapda şol galyndylar, olaryň XX asyryň başlarynda alnan suratlar esasynda, goňşy sebitlerden, aýratyn hem, Eýrandan bolan maglumatlary deňeşdirmek bilen bu ýerleriň dürli wagtlar bir bütewi taryhy-medeni sebit bolandygy bellenilýär.

Dehistan ülkesiniň merkezi orta asyr şäheri Misserian bolupdyr. Ondan biziň Bagtyýarlyk döwrümize çenli şäheriň galyndylary, onuň günorta böleginde saklanyp galan binalarydyr. Maşat atadaky ýaly bişen kerpiçden salnan Misseriana (ol Maşat atadan 7 km. günorta-günbatarda ýerleşýär) kitapda üçünji bölüm bagyşlanypdyr. Saklanyp galan binalar bu gün Türkmenistanyň syýahatçylyk ulgamynyň bir nyşanyna öwrüldi.

Şolaryň biri Misserianyň gülläp ösen döwründen bäri şäheriň buýsanjy we guwanjy bolan Juma metjididir. Bu metjidiň saklanyp galan bölekleriniň, XIX asyryň ahyrlarynda-XX asyryň başlarynda düşürilen fotosuratlaryň ýa-da elde çekilen şekilleriň gazuw-agtaryş işleriň netijesinde ýüze çykan çaklama meýilnamalaryň kömegi bilen metjidiň mährap tagçasynyň, peştagyň daýanç diwarlarydyr minaralaryň aşaky bölegi, eýwanyň bölekleri, gurluşyk tilsimleri, binagärlik aýratynlyklary, öz döwrüniň ideologiki täsirleri we ş.m. özüniň häsiýetlendirmesini tapypdyr.

Juma metjidiniň aýrylmaz bölegi onuň minaralarydyr. Minara gürrüňi edilýän metjidiň meýdançasynyň demirgazyk-gündogar burçunda ýerleşýär. Onuň şu günki beýikligi 20 metrden gowrak, aşagynyň diametri 7 metr, ýokarda bolsa - 5,5 metrdir. Awtor taryhy çeşmelere esaslanyp minaranyň beýikligi onuň ilkibaşdakysynyň ýarysyna deň bolandygyny çaklaýar.

Bu minaradan 120 metr töweregi demirgazykda oňa çalymdaş, göýä onuň ekiz taýy ýaly bolup görünýän ýene bir minara bar. Ol minara taryhda «1102-nji ýylyň minarasy» ady bilen bellidir. Bu minaranyň daşky ölçegleri, gurluş tärleri ýokarda seredilen minaradan känbir tapawutlanyp duranok. Dogry, olar kerpiçleriniň örülişi, kufi ýazgylary, ornamental, geometriki ýa-da epigrafiki şekilleri bilen tapawutlanýarlar. Dürli wagtyň alymlary şol ýazgylardan minaralaryň kimiň buýurmasy bilen ýa-da haçan gurlandygy, olary kimleriň gurandyklary baradaky maglumatlary ýüze çykarypdyrlar.

Wagtyň geçmegi, günüň, ýel-ýagmyryň, tebigy hadysalaryň täsiri bilen minaralaryň depelerinden belli bir bölekleri ýumrulypdyr, käbir ýerleriniň kerpiçleri bolsa dökülipdir. Soňky gezek olarda XX asyryň soňky çärýeginde abatlaýyş işleri geçirilipdir. Garaşsyzlyk döwründe şeýle işler dowam etdirilip, gazuw-agtaryş işleriniň netijesinde Dehistanyň binagärlik medeniýetini has çuňlaşdyrylyp öwrenmeklige mümkinçilik döredi.

Kitabyň ýene bir gymmatly tarapy onda bu gün dünýä belli ymaratlaryň ussalarynyň ýerli ilatdan bolandygynyň nygtalýanlygydyr, ol takyk maglumatlar bilen delillendirilýär. Şonuň bilen bir hatarda, awtor ol ussalaryň döredijiligini olardan öň geçen döwürleriň ussalarynyň binagärlik aýratynlyklary bilen deňeşdiripdir.

Kitapda 100-den gowrak dürli häsiýetli şekiller berlipdir. Olar esasan gürrüňi edilýän ymaratlaryň dürli ýagdaýdaky suratlary, şeýle hem ol ymaratlaryň beýleki sebitler bilen meňzeşligi (analoglary we parallelleri) bolan binalaryň köp sanly artefaktlaryň şekilleridir.

«Dehistanyň binagärlik medeniýeti» atly kitap bilim ulgamynda, aýratyn hem binagärlik hünäri boýunça bilim alýanlar, amaly işgärler üçin gollanma bolup biler. Taryhymyzyň janköýerleri, jahankeşdeler we syýahatçylar, giň köpçülik hem bu ylmy çeşmeden özlerini gyzyklandyrýan köp soraglara jogap tapyp bilerler.

*Aýmämmet RAHYMOW,*
*«Gadymy Dehistan» döwlet taryhy-medeni goraghanasynyň direktory*

**INVESTMENT TO SCIENCE**

The book is about the architectural monuments of a historical district which lay south-east of the Caspian Sea in present-day Turkmenistan, called Hyrcania in ancient times, in the Middle Ages was called Dehistan or Mashat-Misrian.

**ВКЛАД В НАУКУ**

Книга посвящена памятникам архитектуры исторической области, расположенной на территории современного Туркменистана, в Юго-Восточном Прикаспии, которая в древности называлась Гирканией, в средние века получила название Дехистан, или Машат-Мисриан.


Maşat-ata. Türkmenistanyň günorta-günbatarynda, orta asyr Dehistanda ýerleşýän bu ýadygärlik biziň ýurdumyzdaky saklanyp galan iň köne metjitleriň biridir.



KITAPLAR

Žurnal Türkmenistanda neşir edilýän ylmy žurnallaryň we neşirleriň sanawyna goşuldy.

TÜRKMENISTANYŇ GURLUŞYGY we BINAGÄRLIGI

jemgyýetçilik-syýasy we ylmy žurnaly

Baş redaktor
Ýazgül EZIZOWA

Redaksiýanyň geňeş agzalary:

Çary AMANSÄHEDOW
Baýrammyrat ATAMANOW
Abdyrahym AŞYROW
Wladimir GASANOW
Ata GURBANLYÝEW
Sapargeldi DAŇATAROW
Annageldi ESENOW
Muhammet MÄMENOW
Ruslan MYRADOW
Aşyr ÝAZDURDYÝEW
Agajuma ZAKIROW

Redaksiýanyň salgysy:
744036, Türkmenistan,
Aşgabat şäheri,
Arçabil şaýoly, 84.
Telefonlary:
(+99312) 34-06-42, 34-02-79.
Faks: 34-06-42
E-mail: arhit_magazine@mail.ru
Indeksi: 78009

Golýazmalar, fotosuratlar yzyna gaýtarylmaýar hem-de
olara jogap we syn berilmeýär.

Ýygnamaga berildi – 20.04.2015
Çap etmäge rugsat edildi – 22.06.2015
Neşir N2
Sany–10000.
A–82156.
Ölçegi 60x84 1/8
Ofset usulynda çap edildi.
Çap listi 5.
şertli reňkli ottisk 7.
Hasap neşir listi 7,9.
Sargyt N1470.

Žurnalyň çap edilişiniň
hiline Türkmenistanyň
Metbugat merkezi jogap berýär.
Tel.: 22-33-19



## MAZMUNY

EÝÝAMYŇ RUHY WE MAZMUNY – BINAGÄRLIK KEŞPLERDE....1

GURMAK WE DÖRETMEK – BERKARAR DÖWLETIMIZIŇ BAGTYÝARLYK DÖWRÜNIŇ BAŞ ŞYGARY....6

PAÝLY GURLUŞYGY ÖSDÜRMEGIŇ UGURLARY....12

HÜNÄRLI ELLERIŇ GUDRATY....14

GURLUŞYK SENAGATY PUDAGY: GAZANYLÝAN ÜSTÜNLIKLER, GELJEGIŇ MÖHÜM UGURLARY....16

ÝAŞAÝYŞ JAÝLARYNDA ENERGIÝA TYGŞYTLYLYGYNY ÝOKARLANDYRMAGYŇ ÝOLLARY....20

SUW ÜPJÜNÇILIGINI GURNAMAGYŇ MÜMKINÇILIKLERI....24

«GADYMY MERW» SYÝAHATÇYLYK TOPLUMY....26

GURLUŞYK ULGAMYNDA HIL BOÝUNÇA TÄZE TAPGYRA GEÇMEGIŇ ÝOLLARYNDA....30

SUWADOÝGUN TEÝGUMLARYŇ SEÝSMIKI HÄSIÝETLERINIŇ DINAMIKASY....34

YLMA GOŞANT....38